TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ BITARAPLYGYMYZ DÜNÝÄ HALKLARYNY BELENT MAKSATLARA BIRLEŞDIRÝÄN, PARAHATÇYLYGY HEM-DE DOST-DOGANLYGY ÖSDÜRÝÄN ÝÖRELGÄMIZDIR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

15-nji dekabr, 2023. Belgisi 50/1564



# BITARAPLYK — BAKY BERKARARLYGYŇ BINÝADY

***12-nji dekabrda halkymyz Halkara Bitaraplyk gününi we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda Kararnamanyň kabul edilmeginiň 28 ýyllygyny giňden belledi. Bu şanly baýramçylyk parahatçylygy, durnuklylygy, ähli döwletler bilen özara hormat goýmak we deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan dostlukly gatnaşyklary, halkymyzyň mizemez jebisligini alamatlandyrýar.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Watanymyzyň parahatçylyk, döredijilik, hoşniýetlilik taglymlaryna üýtgewsiz ygrarlylygynyň nyşany bolan Bitaraplyk binasyna gül goýmak dabarasyna gatnaşdy.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň çözgüdi bilen Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet diýlip ykrar edildi. «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçin şol wagtky BMG-ä agza 185 döwletiň ählisi biragyzdan ses berdi. Şoňa görä-de, bu şanly waka ähli türkmenistanlylar üçin aýratyn buýsançly güne öwrüldi.

Ynsanperwer we demokratik ýörelgelere eýerýän ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesini almagy bilen, durmuş we ykdysady taýdan ähmiýetli strategik wezipeleri üstünlikli çözýändigini ynamly aýtmak bolar. Ähli ulgamlarda gazanylýan ösüşler, Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki belent abraýy munuň aýdyň mysalydyr.

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döredijilikli başlangyçlary häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilip, dünýä jemgyýetçiliginiň giň goldawyna eýe bolýar, netijeli halkara hyzmatdaşlyk üçin ygtybarly binýat bolup çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda beýan eden teklipleriniň, şol sanda dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, BMG tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak, energetika, ulag, ekologiýa, howanyň üýtgemegi, ynsanperwer ulgamlarda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatda öňe süren başlangyçlarynyň aýratyn ähmiýetini bellemek gerek.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, dünýäniň dürli ýurtlary, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki abraýly düzümler bilen netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bolan Ösüş maksatnamasynyň, ÝUNESKO-nyň, Ilat gaznasynyň, Çagalar gaznasynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ýurdumyzdaky wekilhanalary bilen hyzmatdaşlyk hil taýdan täze many-mazmunda baýlaşdyrylýar.

BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň nobatdaky mejlisinde ýurdumyzyň bu guramanyň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin agzalygyna biragyzdan saýlanylandygyny bellemek gerek. Munuň özi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň içeri we daşary syýasatynyň, Türkmenistanyň dünýä giňişliginde barha belende galýan abraýynyň, ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarynyň ösdürilmegine, sebit we ählumumy hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine goşýan uly goşandynyň dünýäde ykrar edilmeginiň nobatdaky beýanydyr.

Häzirki döwrüň ýagdaýlary bilen baglylykda, türkmen Bitaraplygynyň ähmiýetli orny we onuň mümkinçilikleriniň zerurlygy ýene-de bir gezek tassyklanylýar. Häzirki wagtda düzümine 20-den gowrak döwlet girýän parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň işi munuň aýdyň mysallarynyň biridir. Şol toparyň düzümine girýän döwletleriň hatarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji we 2015-nji ýyllardaky «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy», 2017-nji ýylda kabul edilen «Halkara Bitaraplyk güni» we 2020-nji ýylda kabul edilen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny» atly Kararnamalarynyň awtordaşy bolan ýurtlar hem bar. Bu köptaraplaýyn dialogyň çäklerinde yzygiderli geçirilýän duşuşyklar halkara gatnaşyklarda bitaraplyk ýörelgelerini ilerletmek we ählumumy abadançylygyň bähbidine netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin durnukly syýasy-diplomatik gurallary işläp taýýarlamaga ýardam bermäge gönükdirilendir. 2

## Ahalteke bedewleriniň belent sarpasy

Türkmen halkynyň ençeme ýyllyk taryhy bedewler bilen üznüksiz baglydyr. Ýurdumyzda Türkmen bedewiniň milli baýramynyň bellenilmegi ähli watandaşlarymyzy buýsandyrýar, nesilleriň kalbynda milli mirasymyza egsilmez söýgini kemala getirýär.

Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda



gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan türkmenleriň bedewleri baýlygyň, rowaçlygyň nyşany hökmünde ezizländigi hakyndaky maglumatlar berilýär. Golaýda türkmen halkynyň durmuşynda möhüm orun eýeleýän ahalteke bedewleri babatda ÝUNESKO-dan hoş habar gelip gowuşdy. 3

## Ýaşlar syýasaty has-da dabaralanýar



Ýaşlar – ýurduň geljegi, ýagty ertirlere bolan ynamymyz. Şoňa görä-de, bu günki gün ýurdumyzyň ygtybarly geljegini üpjün etmek üçin ylymly-bilimli, ýokary hünärli nesilleri terbiýelemek, ýaşlary ilhalar ynsanlar edip ýetişdirmek ugrunda yzygiderli alada edilýär. Olara döwrebap derejede bilim almaklary, ylym we döredijilik bilen meşgullanmaklary üçin ähli şertler döredilýär. Ýaş raýatlarymyzyň doly derejeli hukuk we durmuş goraglylygy üpjün edilip, olaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak maksady bilen, degişli kanunçylyk binýady pugtalandyrylýar.

Özleri hakynda edilýän aladalara mynasyp jogap bermek bilen, bu gün ýaşlarymyz döwlet, häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, hususy ulgamda yhlasly zähmet çekýärler, durmuş ugurly döwlet maksatnamalarynyň amala aşyrylyşyna işjeň gatnaşýarlar. 3

# PARAHATÇYLYGYŇ WE NETIJELI HALKARA HYZMATDAŞLYGYŇ KEPILI

11-nji dekabrda paýtagtymyzda Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 28 ýyllygy mynasybetli «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara forum geçirildi.

Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň girelge zalynda ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalar bilen bilelikde, baýramçylyk sergisi ýaýbaňlandyryldy.

Forum ýokary derejedäki umumy mejlis bilen açyldy. Oňa Hökümet agzalary, Mejlisiň wekilleri, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky hem-de daşary döwletleriň ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalarynyň, abraýly halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň ýolbaşçylary, Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, professor-mugallymlar, talyplar gatnaşdylar.

Forumyň umumy mejlisinde çykyş eden BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hem-de foruma gatnaşyjylara Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň mähirli salamyny ýetirip, maslahatyň gün tertibine girizilen meseleleriň möhüm ähmiýetini nygtady.

Forumda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň dolandyryjysynyň orunbasary, Ýewropa we GDA ýurtlary boýunça sebitleýin býurosynyň direktory hanym Iwana Žiwkowiç, BMG-niň Baş sekretarynyň Ýörite wekili, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň ýolbaşçysy Kaha Imnadze, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň daşary syýasat meseleleri boýunça Ýörite wekili, Özbegistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Howpsuzlyk geňeşiniň sekretarynyň orunbasary Abdulaziz Kamilowyň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Milli azlyklaryň işi boýunça Ýokary komissary Kaýrat Abdrahmanowyň, Türki Döwletleriň Guramasynyň Baş sekretarynyň orunbasary Mereý Mukažanyň, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretarynyň syýasy işler boýunça kömekçisi Ýousef Al Dobeanyň çykyşlarynda Bitarap Watanymyzyň daşary syýasy ugruna we parahatçylyk döredijilik başlangyçlaryna ýokary baha berildi.



ÝHHG-niň Parlament Assambleýasynyň ýolbaşçysy Pia Kauma, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň Baş direktory Tedros Adhanom Gebreýesus, BMG-niň Baş sekretarynyň ählumumy kommunikasiýalar boýunça orunbasary Melissa Fleming, BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary, BMG-niň Terrorçylyga garşy göreşmek boýunça müdirliginiň başlygy Wladimir Woronkow, Rumyniýanyň daşary işler ministri Luminisa Odobesku, şeýle hem Ählumumy ýaşyl ösüş institutynyň prezidenti Pan Gi Mun sanly ulgam arkaly foruma gatnaşyjylara ýüzlendiler. Çykyşlarda Türkmenistanyň, BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygynyň netijeli häsiýete eýedigi nygtaldy.

Şol gün BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezinde geçirilen mejlis öňüni alyş diplomatiýasynyň guraly hökmünde dialogyň ähmiýetine bagyşlandy.

Şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda dialog arkaly parahatçylygy gazanmakda zenanlaryň ornuna bagyşlanan hem-de dialog arkaly geljekki nesilleriň mümkinçiliklerini giňeltmek meselelerinde ýaşlaryň mümkinçiligine bagyşlanan mejlisler geçirildi.

BMG-niň Aşgabatdaky wekilhanasynyň binasynda guralan mejlisde bolsa, ählumumy daşky gurşaw boýunça hyzmatdaşlykda diplomatik dialogyň ähmiýetine bagyşlandy.

***

Şeýle hem 11-nji dekabrda paýtagtymyzda utgaşykly görnüşde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň ýokary derejedäki mejlisi geçirildi. Duşuşyga Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň wekilleri, şeýle hem halkara, sebit guramalarynyň ýolbaşçylarydyr işgärleri gatnaşdylar.

Topar 2020-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredildi. Häzirki wagtda oňa 25 döwlet goşuldy. Bu topar halkara derejede, hususan-da, BMG-niň çäklerinde yzygiderli hyzmatdaşlyga ýardam bermäge, öz syýasatyny bitaraplyk ýörelgeleri esasynda guraýan döwletleriň parahatçylyk döredijilik mümkinçiliklerini iş ýüzünde peýdalanmaga, gapma-garşylyklaryň öňüni almaga, olaryň sebäplerini we netijelerini aradan aýyrmaga, ynsanperwerlik meselelerini çözmäge gönükdirilendir.

Mejlise gatnaşyjylar öz çykyşlarynda netijeli halkara hyzmatdaşlygy ilerletmekde we ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmagyň gurallaryny işjeň ulanmakda ýurdumyzyň eýeleýän ornuna ýokary baha berdiler.

## «AirHelp» dünýäniň iň gowy howa menzilini saýlady



Uçar ýolagçylarynyň hukuklaryny goraýan «AirHelp» halkara guramasy dünýäniň howa menzilleriniň we awiakompaniýalarynyň sanawyny mälim etdi. 4

## Kagyzdan ýasalýan Täze ýyl bezegleri



Siz kagyzdan tozgajyk, arçajyk, reňkli çyrajyk, şarjagaz we sowgatlyk gutulary ýasap gördüňizmi?! 5

## Bijeler 28-nji dekabrda çekiler



AFK Çempionlar Ligasynda toparçalardaky duşuşyklaryň ählisi tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublaryň hemmesi belli boldy. 7

# BITARAPLYK – BAKY BERKARARLYGYŇ BINÝADY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýurdumyz daşary syýasatynyň esasyny düzýän Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny yzygiderli durmuşa geçirip, ählumumy başlangyçlara işjeň goşulyşýar, parahatçylygyň we ylalaşygyň, adamzadyň taglymlarynyň berkarar edilmeginiň bähbidine halkara hyzmatdaşlyga saldamly goşant goşýar. Hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň halkyna iberen Gutlagynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň halkymyzyň beýik gymmatlygydygy bellenilýär. Bitaraplyk Ýer ýüzünde asuda durmuşy, halklaryň dost-doganlygyny, ynsanperwerligi, özara bähbitli hyzmatdaşlygy hem-de ösüşi dabaralandyrýan taglymatdyr. Şoňa görä-de, biz dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we Esasy Kanunymyzda berkidilen oňyn Bitaraplygymyzyň esas goýujy ýörelgelerine goldanyp, ähli döwletler, abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýäris.

Biz «Döwlet adam üçindir!», «Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgelerimize laýyklykda, ýurdumyzy hemmetaraplaýyn ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak barada yzygiderli alada edýäris. Bitarap döwletimiziň halkara abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga çalyşýarys. Halkara üstaşyr ulag geçelgelerini, has kämil, öňdebaryjy tehnologiýalara daýanyp, ýokary tizlikli awtomobil ýollaryny, iri senagat-önümçilik kärhanalaryny, medeni-durmuş maksatly binalary we desgalary, döwrebap ýaşaýyş jaýlaryny, täze şäherçeleridir obalary gurýarys diýlip, döwlet Baştutanymyzyň Gutlagynda bellenilýär.

Bitaraplyk binasynyň öňündäki meýdançada watandaşlarymyz we myhmanlar, «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly halkara foruma, şeýle hem parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň mejlisine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen daşary ýurt wekiliýetleriniň agzalary ýygnandylar. Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda Mejlisiň we Halk Maslahatynyň wekilleri, Hökümet agzalary, ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş



edaralarynyň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň daşary döwletlerdäki ilçileri, ýurdumyzdaky diplomatik missiýalaryň we halkara guramalaryň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar.

Hormatly Prezidentimiziň awtoulagy Bitaraplyk binasynyň öňündäki baýramçylyk äheňinde bezelen meýdança barýar. Hemmeler döwlet Baştutanymyzy uly ruhubelentlik bilen mübärekleýärler. Dabaraly ýagdaýda Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow merdana halkymyzyň parahatçylyk, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýörelgeleriniň nyşany bolan Bitaraplyk binasyna gül çemenini goýdy. Soňra döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, beýleki dabara gatnaşyjylar hem gül desselerini goýýarlar.

Halkymyzyň gadymy däp-dessurlaryna we milli medeniýetimize doly laýyk gelýän bu özboluşly hukuk ýagdaýy diňe bir halkymyzyň däl, eýsem, tutuş adamzadyň bähbidine parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Dabara tamamlanandan soňra, döwlet Baştutanymyz oňa gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşdy we bu ýerden ugrady.

Halkara Bitaraplyk güni ýurdumyzyň ähli künjeginde joşgunly konsert maksatnamalary, medeni-köpçülikleýin, sport çäreleri bilen utgaşykly bellenip geçildi.

## Ýagtylyk festiwaly geçirilýär

Niderlandlaryň paýtagty Amsterdamda Yşyk sungaty festiwaly geçirilýär. 12 ýyldan bäri geçirilýän sergi bu ýyl «Sungat emeli aňy we tehnologiýany ýüze çykarýar» şygary astynda guralýar. Halkara çärede dünýäniň dürli ýerlerinden



ýygnanan sungat ussatlary, dizaýnerler we binagärler tarapyndan taýýarlanan çykyşlar görkezildi. Şäheriň 6 kilometr uzynlygyndaky böleginde 24 ýagtylyk tomaşasy hödürlendi. Şäherdäki syýahatçylaryň has köp barýan, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen binalarynyň ýanynda guralan çykyşlara köp adam kanallarda, gämileriň üstünde tomaşa etdi. Festiwala her ýyl 750 müň töweregi myhman baryp görýär. Bu ýylky sergi geljek ýylyň 21-nji ýanwaryna çenli dowam eder.

**Şamuhammet RAHYMOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

# Enäniň we çaganyň saglygyny goramakda ýetilen sepgitler

Berkarar döwletimiziň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri-de enäniň we çaganyň saglygyny goramakdyr. Muňa mysal hökmünde halkara ülňülerine laýyk gelýän lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilýän häzirki zaman saglygy goraýyş edaralarynyň gurluşygy bolup biler. Iň soňky ylmy üstünliklere ýetilmegi bilen keselleri anyklamagyň we bejermegiň innowasion usullarynyň saglygy goraýyş ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy netijesinde daşary ýurtly hünärmenler bilen gatnaşyklar barha giňelýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda Arkadag şäheriniň enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň açylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda 2020-2030-njy ýyllary üçin enäniň we çaganyň saglygyny ähli taraplaýyn öz içine alýan «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn gelejek» atly giňişleýin Milli strategiýa üstünlikli durmuşa geçirilýär. Döwlet saglygy goraýyş maksatnamasynyň çäginde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, ÝUNISEF (Çagalar gaznasy), UNFPA (Ilat gaznasy) ýaly BMG-niň halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda ganazlygyň we ýod ýetmezçiliginiň öňüni almak, immunizasiýa, ene süýdi bilen iýmitlendirmek, howpsuz enelik we çagalyk keselleriniň toplumlaýyn dolandyrylyşy boýunça maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.



Çaganyň hemmetaraplaýyn ösmeginiň möhüm ornuny göz öňünde tutup, ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň dowamlylygyny ýokarlandyrmak üçin «Ene süýdi bilen iýmitlendirmegi wagyz etmek we goldamak barada» kanun kabul edildi. Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ene süýdi bilen iýmitlendirmek ýörelgelerini üstünlikli durmuşa geçirip, ýurdumyzyň çaga dogrulýan edaralary «Çaga dostlukly hassahanasy» halkara derejesine eýe boldular.

Çaganyň irki ösüşi üçin maksatnama häzirki wagtda ileri tutulýan ugurlaryň biridir. ÝUNISEF we BMG-niň beýleki guramalary bilen hyzmatdaşlykda bu maksatnamada goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin intensiw işler alnyp barylýar. 2022-2025-nji ýyllar aralygyndaky çagalyk kesellerini toplumlaýyn dolandyrmak strategiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň bir bölegi hökmünde meýilleşdirilýän çäreleriň ýol kartasy düzüldi. Şolardan biri hem çagalara zerur idegiň hiline, görnüşine we yzygiderliligine gözegçilik etmek üçin döredilen «Pediatriýanyň wajyp meseleleriniň kliniki beýanlary» atly täze beýanlarynyň toplumydyr.

Häzirki wagta çenli Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna birnäçe operasiýa geçirildi, olaryň aglabasy daýanç-hereket ulgamyna we ýürek-damar ulgamyna degişli.

Germaniýa Federatiw Respublikasy bilen hyzmatdaşlygyň çäginde merkeziň hünärmenleri tejribelerini ýokarlandyrmak we merkezde täze innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak maksady bilen Germaniýanyň öňdebaryjy saglygy goraýyş edaralarynda yzygiderli kämilleşdiriş okuwlaryny geçýärler.

Türkmen-german forumynyň taslamasynyň çäginde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we Derman senagaty ministrliginiň buýrugyny ýerine ýetirmek maksady bilen tutuş ýurt boýunça skrining işleri üstünlikli alnyp barylýar.

2022-nji ýyldan bäri Russiýa Federasiýasynyň N.I.Pirogow adyndaky Çagalar kliniki hassahanasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Bu edaranyň hünärmenleriniň şu ýylyň 10-12-nji oktýabrynda «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergisine we ylmy maslahatyna gatnaşmagy bilen, soňky saparynyň çäginde sapaklar geçirildi.

Ýokarda görkezilen sepgitler ösüp gelýän nesliň saglygyny goramaga ugrukdyrylandyr. Sebäbi milletimiziň geljegi çagalaryň saglygyndan başlanýar.

**Hudaýberdi PENAGELDIÝEW,**
*Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkeziniň Çagalaryň ösüşi we irki dikeldiş bölüminiň lukmany, Ýaş alymlar geňeşiniň başlygy.*

## Ýeliň güýji bilen işleýär

Adamzat irki döwürlerden bäri gämilerde ýeliň güýjünden peýdalanýar. Emma soňky ýyllarda has döwrebap ýelkenli gämiler hem gurlup başlandy. Şeýle gämileriň biri bolan «Canopée»-niň dört sany ýelkeni bolup, olaryň uzynlygy 37 metre ýetýär. Bu gämi kosmosa



uçurylýan raketalary daşamak üçin gurlupdyr. Agramy 3 müň 150 tonna barabar bolan äpet gämi howa şertleri amatly bolan wagty ýelkeniniň güýjünden peýdalanýar. Şeýle hem gämi iki sany dizel hereketlendiriji bilen üpjün edilipdir. Gämi Ýewropanyň iň uly raketasy bolan «Ariane 6» bilen noýabr aýynda başlan transatlantik syýahatyny tamamlady. «Ariane 6» geljek ýyl Fransuz Gwianasyndaky kosmodromdan uçurylar.

**Kakadurdy GARAMANOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Kosmosda ýangyç bekedi gurlar

**Kosmos giňişliginde aýlanýan emeli hemralar üçin ýangyç we energiýa bekedi işläp taýýarlaýan «Orbit Fab» kompaniýasy bu ugurda ilkinji ylalaşygyny gazandy. «Orbit Fab» «Ispace» kompaniýasy bilen şertnama baglaşandygyny we orbitada ýangyç bekediniň guruljakdygyny mälim etdi.**

**Geçen ýylyň ortalaryndan bäri kosmosa 15 müňden gowrak emeli hemra uçuryldy. Olaryň ýaryndan gowragy häzirki wagtda hem ulanylýar. Galanlary ulanyş möhleti tamamlanandan soňra atmosfera urup, ýanyp ýok boldy ýa-da kosmos giňişliginde aýlanmagyny dowam etdirýär. Gözegçiliksiz ýagdaýda aýlanýan emeli hemralar bolsa kosmos beketleri üçin töwekgelçilik döredýär.**



**Kompaniýanyň esaslandyryjysy Daniel Faber Ýeriň orbitasynda we Aýda ýangyç üpjünçilik zynjyryny emele getirmek üçin «Ispace» bilen bilelikde işlemek isleýändiklerini belleýär.**

**Ol uzak möhletleýin döwürde ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň «Ispace»-iň Aýa gonýan kosmos gämilerine ýangyç berjekdigini aýtdy.**

**Maksat BERDIÝEW,**
***Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.***

## Sese öýkünmäge ökde jandar

**Diňe eldeki totular däl, eýsem, ýabany tebigatda ýaşaýan totularyň hem seslerini gaýtalamaga ukyby bolýar. Soňky geçirilen**



**barlagda ilatly ýerlere golaý ýaşaýan bu guşlaryň şol ýerdäki adamlaryň sesine öýkünýändigi, şeýle bolansoň, her şäherde ýaşaýan totynyň başga dilde saýraýandygy ýüze çykaryldy. Ylmy iş Ýewropa ýurtlaryndaky şäherlerde geçirilipdir. Barlagyň çäginde bu guşuň keşiş totusy (Myiopsitta monachus) atly ilatly ýerde ýaşamaga uýgunlaşan görnüşi öwrenilipdir.**

**Germaniýanyň Maks Plank adyndaky jandarlaryň hereketlerini öwreniş institutynyň alymlary Ispaniýa, Belgiýa, Italiýa we Gresiýa döwletleriniň dürli şäherlerindäki guşlarda barlag geçiripdirler.**

**Günorta Amerikada tebigy şertlerde ýaşaýan bu guşlar öýdeçi guşlaryň gaçyp gitmegi netijesinde Ýewropada köpelipdir. Bu jandarlar dürli seslere öýkünmäge has ukyply bolmagy bilen tapawutlanýar.**

**Myrat AŞYROW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Türkmenabat agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.***

## Dünýäniň iň gymmat şäherleri

«Economist Intelligence Unit» (EIU) maslahat beriş kompaniýasy dünýäniň ýaşamak üçin iň gymmat şäherleriniň sanawyny taýýarlady. «The Economist» hepdelik žurnalyna hem eýeçilik edýän adybir topara degişli bolan EIU-nyň sanawynda Singapur öňdeligi eýeleýär. Günortagündogar Aziýadaky ada we şäher döwleti bolan Singapur harytlaryň gymmatlygy bilen soňky 11 ýylda 9 gezek birinji bolupdyr. Ikinji ýeri Şweýsariýanyň Sýurih şäheri eýeläpdir. Şäherde ýaşaýyşyň bahasy şweýsar frankynyň hümmetiniň artmagy netijesinde gymmatlapdyr.

Berlen maglumatda, Singapur bilen Sýurihde ýaşaýyşyň bahasynyň deňeçerdigi mälim edildi. Ženewa bilen Nýu-Ýork hem deňeçer gymmatlykdaky şäherler hökmünde bellenildi. Maglumatda gündelik durmuşda giňden peýdalanylýan 200-den gowrak haryt we hyzmatyň bahasy milli pul birliginde ortaça 7,4 göterim ýokarlanypdyr. Bu görkeziji geçen ýylky 8,1 göterimlik artyşdan birneme az.

Sanawda Gonkong bäşinji, Los-Anjeles altynjy bolupdyr. Şeýle hem ilkinji onluga Pariž, Kopengagen, Tel-Awiw we San-Fransisko girizilipdir.

Ýaşaýyşyň bahasynyň Aziýa şäherlerinde dünýäniň beýleki ýerlerindäkiden az gymmatlandygy bellenildi.



Sanawyň aşaky basgançagynda, ýagny iň arzan şäherler hökmünde Damask (Siriýa), Tapran (Peru), Tripoli (Liwiýa) we Karaçi (Pakistan) bar.

**Didar MYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Hytaý awiasiýa bazary öser

Ýewropanyň uçar öndüriji kompaniýasy «Airbus» Hytaýyň geljek 20 ýylda dünýäniň iň uly raýat awiasiýa bazary boljakdygyny çaklaýar. Taýýarlanan maglumata görä, ýurduň täjirçilik awiaparky 2042-nji ýyla çenli 10 müň 930 uçara ýeter. Şonda awiasiýa hyzmatlar ba-



zarynyň möçberi 54,1 milliard dollar bolar. Şeýlelikde, bu ýurduň awiasiýa pudagy göwrüm babatda Demirgazyk Amerikadan hem-de Ýewropadan öňe geçer.

«Airbus China»-nyň müşderi hyzmatlaryndan jogapkär başlygynyň orunbasary Hu Ýondun ýurtda awiasiýa senagatynyň işjeňlik we hil babatda kadaly ösýändigini belleýär. Hytaýda awiasiýa pudagynda işleýän uçarmanlaryň, tehniki işgärleriň we ýolbeletleriň sany häzirki wagtda 212 müň töweregi bolup, 2042-nji ýylda bu görkezijiniň 561 müňe ýetmegine garaşylýar.

**Annamyrat ÇERKEZOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Hemmeler üçin peýdaly

Maglumatlara görä, fiziki taýdan hereketsiz bolmak dürli keselleriň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagy netijesinde köp adam işde we öýde hereket etmäge zerurlyk duýmaýar.



Şeýlelikde, adam boş wagtynda hem sport ýa-da maşk bilen meşgullanmasa, dürli nähoşluklara sezewar bolup bilýär. Munuň öňüni almak üçin ýöremek (ädim ätmek) maslahat berilýär. Lukmanlar günde 4 müňden köp ädim ätmegiň has peýdalydygyna ünsi çekýärler. Ondan az ädim ädilende hem adamyň ýürek-damar we gan aýlanyş ulgamyna peýdalydygy bellenilýär. O diýen kyn bolmadyk hem-de hemmeler üçin elýeterli bolan bu hereketiň saglyk üçin gowy netije berjekdigi aýdylýar. «European Journal of Preventive Cardiology» atly žurnalda çap edilen makalada dünýä ýurtlarynda bu ugurda geçirilen 17 sany ylmy işe syn berlipdir. Ylmy işde näçe köp ýörelse, şonça-da peýdalydygy, emma azyndan 3 müň 967 ädim ätmegiň sagdyn durmuş üçin zerurdygy aýdylýar.

**Oguljennet AÝMÄMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Rimde gadymy jaý tapyldy

Taryhy eserlere baý bolan Rim şäherindäki Kolizeý arenasynyň golaýynda gadymy jaý tapyldy. Ýurduň Medeniýet ministrligi iki müň ýyl ozal gurlan binanyň Kolizeý arheologiýa seýilgähiniň çäginden tapylandygyny mälim etdi. Jaýyň miladydan ozal II asyr bilen miladynyň I asyrynyň aralygyna çenli azyndan üç tapgyrda gurlandygy anyklanypdyr. Jaý atrium (içerki howly), bagdan we nahar iýilýän otagdan ybarat. Jaýyň bir böleginde mozaikanyň hem üstünden barylды. Bilermenler gadymy binanyň üstüniň açylmagynyň Rimiň taryhy üçin ähmiýetlidigini belleýärler.

**Çynar GYLYÇDURDYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

## ÝYLYŇ IŇ GOWY ŞÄHERLERI

«Euromonitor» halkara maslahat beriş kompaniýasy tamamlanyp barýan ýylda dünýäniň iň gowy şäherleriniň sanawyny taýýarlady. Sanawa jemi 100 şäher girizilipdir. Pariž geçen ýyl bolşy ýaly, bu ýyl hem birinji bolupdyr. Sanaw, esasan, şäherleriň syýahatçylyk mümkinçiliklerine baha berýär. Şol sebäpli şäherler saýlananda syýahatçylyk infrastrukturasy, özüne çekiji taraplary, saglygy goraýyş hyzmatlary, howpsuzlyk we durnuklylyk ýaly ölçegler göz öňünde tutulýar. Fransiýanyň paýtagty üç ýyldan bäri bu sanawda birinji bolýar.

Ikinji ýeri soňky ýyllarda halkara maslahatlaryň we beýleki çäreleriň has köp geçirilýän ýeri bolan Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäheri eýeläpdir. Ispaniýanyň paýtagty Madrid üçünji, Ýaponiýanyň paýtagty Tokio dördünji bolupdyr. Günüň dogýan ýurdunyň paýtagty ilkinji gezek bu sanawda öňdäki onluga girdi. Hünärmenler munda şäheriň syýahatçylyk infrastrukturasynyň ösdürilmeginiň täsirli bolandygyny belleýärler. Bu ýylky sanawda dünýäniň belli şäherleriniň biri bolan Londan dört basgançak aşak düşüp, onunjy bolupdyr. Amsterdam, Berlin, Rim, Nýu-Ýork, Barselona we London ilkinji onluga giripdir.



«Euromonitor»-yň sanawynda Ýewropanyň şäherleri öňdeligi eýeleýär. Ilkinji 20 şäheriň 12-si, umumy sanawdaky 63 şäher bu sebitde ýerleşýär. Ilkinji 20 şäheriň arasyna ABŞ-nyň Nýu-Ýork we Los-Anjeles şäherleri girizilipdir.

Sanaw «Lighthouse» maglumat kompaniýasy bilen bilelikde taýýarlanypdyr.

Şeýle hem sanawda halkara myhmanlaryň iň köp barýan şäherlerine-de orun berlipdir. Geçen ýyla görä syýahatçy sany 26 göterim ýokarlanan Stambul bu sanawda birinji bolupdyr. Şähere 20,2 million daşary ýurtly myhman barypdyr. Ikinji orunda 18,8 million syýahatçyny kabul eden London bar. Dubaýa baran daşary ýurtlularyň sany 16,8 million bolup, bu sanawda üçünji bolupdyr.

Maglumatlar ýylyň syýahatçylyk pudagynyň dikelip başlandygyny we ýolagçy gatnawynyň 38 göterim artandygyny görkezýär.

«Euromonitor International»-yň ýolbaşçysy Nadežda Popowa Parižiň ýokary derejeli mümkinçilikleri bilen öňdeligini saklandygyny belledi. Popowa syýahatçylaryň alternatiw ýerleri saýlamagyny dowam etdirmegine garaşýandyklaryny aýtdy.

**Jeren ORAZDURDYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Kwant kompýuterini tanyşdyrdy

Häzirki wagtda işlenip taýýarlanýan kwant tehnologiýasy has köp ýady bolan kompýuterleri öndürmäge mümkinçilik berer. Bu ugurda öňdebaryjy kompaniýalaryň biri bolan IBM 1121 kwant/bit ýady bolan ilkinji kompýuterini tanyşdyrdy. Bu enjam kompaniýanyň müňden köp



kwant bite (kubit) eýe bolan ilkinji kompýuteridir. Şeýle hem amerikan kompaniýasy 133 kubit ýady bolan täze çipini hem tanyşdyrdy. Bu çip balarynyň öýi usulynda ýerleşdirilen kubitlerden emele gelýär. Dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýa kompaniýalarynyň biri bolan IBM soňky ýyllarda kwant kompýuterlerine has köp üns berýär.

Kwant kompýuterler käbir çylşyrymly amallary adaty kompýuterlerden has çalt çözüp bilýär.

**Enegül JUMAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 15-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113000
Belgisi: 50/1564
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Türkmen diplomatiýasy we halkara gatnaşyklary

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyz syýasy ulgamda uly ösüşler gazanýar. Türkmenistan döwletimiziň halkara gatnaşyklaryndaky çözgütleri we daşary syýasy ýörelgeleri, ilkinji nobatda, Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýar.

Hemişelik Bitarap Türkmenistan sebitde we dünýäde parahatçylygy saklamak, durnukly ösüşi üpjün etmek işine uly goşant goşýar. BMG bilen hyzmatdaşlyk etmek baky Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugry bolup durýar we şeýle bolmagynda galýar. Birleşen Milletler Guramasynyň belent ynsanperwerlik taglymatlary bolan döwletleriň hem-de halklaryň arasynda parahatçylyk söýüjilik, adalatly, deňhukukly gatnaşyklary alyp barmak, birek-biregiň medeniýetine we özboluşly ösüşine hormat goýmak Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen gatnaşyklarynda baş ýörelgelerdir.



«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, dünýäniň dürli ýurtlary, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki abraýly düzümler bilen netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär.

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň mejlisinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň BMG-niň Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin agzalygyna saýlanylmagy hem döwletimiziň dünýä giňişligindäki belent abraýyna şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiz 8-nji dekabrda sanly ulgam arkaly geçiren Hökümet mejlisinde BMG-den gelip gowşan bu hoş habaryň Türkmenistanda her bir raýatyň bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda edilýän taýsyz tagallalaryň bütin dünýäde ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsidigini, her bir güni ösüşlere beslenýän Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ynsanperwer durmuş syýasatynyň dünýäde uly goldaw tapýandygynyň ýene-de bir nyşanydygyny belledi.

Häzirki güne çenli Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň 20-ä golaý Kararnamany dürli ugurlarda kabul edendigini bellemek gerek. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Başlygynyň orunbasarlygyna yzygiderli saýlanylmagy ýurdumyzyň dünýä giňişligindäki abraýynyň barha artýandygyndan habar berýär.

Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolanyna 28 ýyl doldy. Häzirki döwürde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna sebitde we halkara derejesinde durnuklylygy üpjün etmegiň aýrylmaz bölegi we möhüm şerti hökmünde garalýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň teklibi boýunça 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy, şeýle-de 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilmegi eziz Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ýokary baha berilýändiginiň anyk subutnamasy bolup durýar.

**Gülaýym HANGELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Ahalteke bedewleriniň belent sarpasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy goramak boýunça hökümetara komitetiniň şu ýylyň 5-nji dekabrynda geçirilen 18-nji mejlisinde Türkmenistanyň teklibi esasynda «Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşuldy. Bu hoş habar hemişelik Bitaraplygymyzyň 28 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda ähli halkymyzda uly buýsanç duýgusyny döretdi.

Owadanlygy, ýüwrükligi hem üşükliligi dünýäde ykrar edilen ahalteke atlarynyň we atçylyk sungatymyzyň bu günki ýeten belent derejesi, ilkinji nobatda, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Munuň özi dünýä gymmatlyklaryna uly goşant goşan halkymyzyň atşynaslyk däpleriniň belende göterilmegi ugrunda tutumly işleriň durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň nyşanydyr. Bu taryhy waka müňlerçe ýyllyk taryhy bolan atçylyk sungatymyzyň dünýä derejesindäki abraýyny has-da beýgeltmek ugrunda ylmy hem medeni diplomatiýamyzyň ýene-de bir ýeňşidir.

Ýurdumyzda her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramy bellenilýär. Diýarymyzda atçylyk sportunyň has-da ösdürilmegine, ahalteke bedewiniň taryhy



watanynda bedewler bilen baglanyşykly milli ýörelgeleriň bütin dünýäde wagyz edilmegine gönükdirilen çäreler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine giň ýol açýar. Ahalteke bedewlerine bagyşlanyp ýazylan kitaplaryň, ylmy we döredijilik eserleriniň dürli dillerde neşir edilmegi bolsa halkymyzyň milli buýsanjyna öwrülen bedewleriň taryhy gymmatlyklaryny, at-abraýyny äleme jar etmekde, ahalteke atlarynyň muşdaklaryny, seýislerini, atçylyk sporty bilen meşgullanýan hünärmenleri hem-de ähli bedew janköýerlerini bir-birine ýakynlaşdyrmaga ýardam berýär.

Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň, Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň döredilmegi ýurdumyzyň häzirki wagtda ahalteke bedewini geljek nesillere aýawly saklaýan iri halkara merkez durýandygyny äşgär edýär. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda «Ahalteke atlary – parahatçylygyň ilçileri» atly ÝUNESKO klubunyň döredilmegi hem bu ugurda alnyp barylýan tagallalaryň aýdyň netijesidir. Ata-babalarymyzyň ruhuna wepaly halkymyz üçin ahalteke bedewi edebiligiň nusgasy, ylym we döredijilik üçin ylham çeşmesi, sport hem saglyk, döwrümiziň depginli ösüşiniň nyşany bolmak bilen, dünýäde uly meşhurlyga eýe bolýar.

**Ogulşeker GURBANMYRADOWA,**
*Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň talyby.*

# Türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň berk binýady

Şu ýylyň 5-6-njy ýanwarynda hormatly Prezidentimiz Hytaý Halk Respublikasyna ilkinji döwlet saparyny amala aşyrdy. Şu ýyl Hytaý bilen Türkmenistanyň arasynda strategik hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyna 10 ýyl doldy.

Tebigy gazyň baý gorlaryna eýe bolan Türkmenistan Aziýanyň we Ýewropanyň energetika bazarlaryny bu gymmatly harytlyk çig mal bilen üpjün etmek babatda uly işleri alyp barýar. Ýurdumyzyň «mawy ýangyjyň» gorlary babatda dünýäde öňdäki orunlary eýelemegi muňa doly mümkinçilik berýär. Şoňa görä-de, türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynda ýangyç-energetika pudagy ileri tutulýan ugurlaryň biri hasaplanýar.

2009-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistan-Hytaý strategik gaz geçirijisiniň gurluşygynyň tamamlanyp, ulanmaga berilmegi biziň ýurtlarymyz üçin taryhy ähmiýete eýedir. Ýeri gelende aýtsak, Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň üç şahasynyň (A,B we C) geçirijilik ukyby 55 milliard kubmetre barabar bolup, bu gaz geçiriji türkmen tebigy gazynyň ýylda 40 milliard kubmetrini ibermäge niýetlenendir. Şunda bu gaz geçirijiniň dördünji şahasyny gurmak babatda ýokary derejede gazanylan ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegi hem möhüm ähmiýete eýedir.

Hytaýyň Milli nebitgaz korporasiýasynyň (CNPC) «Bagtyýarlyk» şertnamalaýyn çäginde uglewodorod ýataklaryny senagat taýdan özleşdirmäge hem-de dünýäniň iň iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» gaz känini özleşdirmegiň ilkinji tapgyrynyň taslamasyna işjeň gatnaşmagy gaz pudagynda netijeli hyzmatdaşlygyň anyk mysalydyr.

Şeýle hyzmatdaşlyk esasynda türkmen tebigy gazy Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý gaz geçirijisi arkaly dostlukly Hytaýa iberilýär. «Galkynyş» käniniň bu gaz geçirijiniň çig mal çeşmeleriniň esasylarynyň biri bolup hyzmat edýändigini aýtmak gerek.



Türkmenistan bilen Hytaý gaz ulgamynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirer. Bu babatdaky hyzmatdaşlygyň berk binýady Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpiniň arasynda gol çeken Bilelikdäki Beýannamasynda goýuldy. «Taraplar Türkmenistanyň we Hytaýyň arasynda gaz boýunça hyzmatdaşlygynyň möhümdigini belleýärler. Taraplar toplumlaýyn hyzmatdaşlygyň bu ugrunda – önümçilikde, turbageçirijiler arkaly akdyrmakda, söwdada, maliýeleşdirmekde we tehniki üpjünçilikde ülňüsi döredilendigini belleýärler. Özara düşünişmek, akýüreklilik, açyklyk we özara bähbitli ýörelgelere eýerip, Taraplar mundan beýläk-de hereket edýän şertnamalary doly ýerine ýetirerler, gaz hyzmatdaşlygy boýunça gepleşikleri ilerlederler, «Galkynyş» gaz känini senagat taýdan işläp geçmegiň ikinji tapgyryny, «Türkmenistan–Hytaý» gazgeçirijisiniň D ulgamynyň gurluşygyny we beýleki bilelikdäki iri taslamalary amala aşyrmagy çaltlandyrarlar, gaz senagatynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirerler» diýlip Beýannamada bellenilýär.

2013-nji ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda strategik hyzmatdaşlygy ýola goýmak hakynda Bilelikdäki Jarnama gol çekilip, döwletara gatnaşyklarynyň ýokary derejesine çykyldy. Ýurdumyzda Hytaýyň öz maýadarlarynyň gatnaşmagynda onlarça kärhana guruldy we düýpli gurluşyk işleri häzirki wagtda hem dowam etdirilýär, Hytaý Halk Respublikasynyň hünärmenleri Günbatar Türkmenistanda nebit ýataklaryny özleşdirmäge gatnaşýarlar.

Geljekde-de uzakmöhletleýin we birek-birege hormat goýmak esasynda köpasyrlyk türkmen-hytaý dostlukly hyzmatdaşlyk esasynda gatnaşyklar yzygiderli berkidiler.

**Gyzylgül AMANOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Ylym we kitaphana

Islendik döwletiň ösüşi we kuwwaty onuň medeni-ykdysady ösüşi, oýlap tapyjylygyň, ylmyň ösmegi bilen kesgitlenýär. Kitaphanalar medeniýet ojagy bolmak bilen çäklenmän, olar ylmy-habar beriş merkezidir, ýagny halkyň diňe bir ruhy, medeni we taryhy mirasyny däl, eýsem, bütindünýä ylmyna degişli edebiýatlary toplamakda, saklamakda we olary okyjylara ýetirmekde uly işler alyp barýarlar.

Şeýle kitaphanalaryň biri hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasydyr. Ol 1941-nji ýyldan bäri hereket edip gelýär. Kitaphanada ýüze çykan hadysalar sebäpli kitap hazynasyna birnäçe gezek zeper ýetýär. 1948-nji ýylda bolup geçen ýer titremede kitaphananyň jaýy ýykylyp, kitaplar hazynasy ýeriň aşagynda galýar. Emma ýüz müň nusgaly hazyna ýuwaş-ýuwaşdan ýeriň ýüzüne çykarylýar. 1951-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Ylymlar akademiýasynyň döredilmegi bilen kitaphana has baýlaşdyrylýar we 1957-nji ýyla çenli onuň kitap hazynasy 200 müň nusga ýetirilýär. 1958-nji ýylda ýüze çykan ýangyn sebäpli kitap hazynasyna düýpli zeper ýetýär. Emma gysga wagtdan iri kitaphanalardan 300 müňe golaý nusgada kitaplar we döwürleýin neşirler gelip gowuşýar. 1963-nji ýylyň maý aýynda kitaphana özüniň 1,5 million birlik nusga niýetlenen ýörite gurlan kitaphanasyna göçürilýär we häzirki güne çenli şol binada ýerleşýär. 1960-njy ýyllaryň ortalarynda kitaphanada toplama, edebiýatlary işlemek we ylmy taýdan pudaklaşdyrma, hyzmat ediş we kitap hazynasy, daşary ýurt edebiýatlary, halkara alyş-çalyş, ylmy bibliografiýa bölümleri işleýärdi. Häzir kitaphanamyzda kitaphana işini ýerine ýetirýän 11 sany bölüm – Kitaphananyň metbugat eserlerini komplektleýji; Edebiýatlary ylmy taýdan pudaklaşdyrma we kataloglar; Hyzmat ediji; Kitap hazynahana; Daşary ýurt edebiýaty we halkara kitap alyş-çalyş; Türkmen edebiýaty we seýrek neşirler; Bibliografiýa, kitaphanaşynaslyk we kitapşynaslyk; Sorag-jogap we kitaphana-bibliografik işleri; Metbugat eserlerini skanirlemek; Kitaphana işini kompýuterleşdirmek we mehanizmleşdirmek; Sahaplaýyş bölümleri hereket edýär.



Bäş müň ýyllyk taryhy döwürde türkmen akyldarlary, alymlary, şahyrlary, döwlet işgärleri dürli ugurlardan gymmatly golýazmalary döredipdirler. XVIII asyrda yslam dünýäsinde metbeçiligiň peýda bolmagy bilen türkmen şahyrlarynyň arap elipbiýinde köp kitaplary çap bolýar. Ol kitaplar, esasan hem, Gazan, Samarkant, Daşkent şäherlerinde, Hindistanda, Eýranda, Türkiýede çap edilipdir. Biziň kitaphanamyzda şol döwürlerde çap edilen kitaplaryň birnäçeleriniň nusgalary saklanýar. Olardan Magtymgulynyň, Fizulynyň, Sopy Allaýaryň, Wepaýynyň, Şeýdaýynyň, Andalybyň, Azadynyň we beýlekileriň kitaplaryny mysal getirmek bolar.

Kitaphanamyzyň 2 milliona golaý kitap hazynasy bar. Onda golýazmalar, gadymy seýrek neşirler, dürli ugurlara degişli ylmy kitaplar, çeper edebiýatlar, okuw kitaplary bar. Kitap hazynasynyň ep-esli bölegini belli alymlarymyzyň, ýazyjylarymyzyň sowgat beren kitaplary tutýar.

Kitaphanamyz kitap hazynany aýawly saklamakda, okyjylara göwnejaý hyzmat etmekde, wagyz işlerini alyp barmakda uly işler alyp barýar. Her aýda täze gelen edebiýatlar barada habar berýän býulleten düzülýär, ýurdumyzda bolup geçýän dürli çäreler bilen bagly kitap sergileri guralýar, dürli mowzuklarda ylmy-kömekçi bibliografik görkezijiler taýýarlanylýar.

Kitaphanamyzyň esasy okyjylar topary alymlardan, aspirantlardan, ylmy işgärlerden, mugallymlardan, talyplardan we beýleki okyjylardan ybarat. Okyjylaryň taplaplaryny tiz we göwnejaý ýerine ýetirmek üçin kitaphanada kataloglar we kartotekalar ulgamy hereket edýär, hyzmat ediş bölüminiň golasty hazynasyndaky sorag-jogap neşirler tekjelerde elýeterli edilip goýlan. Okyjylara gündelik çykýan döwürleýin neşirler bilen tanyşmaga mümkinçilik bar. Kitaphanada ýurdumyzda bolup geçýän çäreler bilen bagly guralýan sergilerimiz, şeýle hem tematiki kitap sergilerimiz okyjylary täze edebiýatlar bilen tanyşdyrmaga, olaryň maglumata bolan isleglerini kanagatlandyrmaga giň mümkinçilik berýär.

Kitaphana işiniň döwrebap ösmegine uly üns berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza biz kitaphanaçylar uly minnetdarlygymyzy bildirýäris. Siziň janyňyz sag, tutýan tutumly işleriňiz rowaç bolsun!

**Aýjemal GARLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň baş kitaphanaçysy.*

# Bilimli nesil – Watanyň geljegi

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Diýarymyzda amala aşyrylýan düýpli durmuş ykdysady özgertmeleriň esasy maksady ýurdumyzyň kuwwatyny artdyrmaga, halkymyzyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Bu günki gün Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesle durnukly ösüşiň we halkymyzyň döredijilik hyjuwynyň esasy binýady hökmünde garalýar.

2023-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimiziň – Häzirki wagtda ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegini Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen nesiller düzýär. Biz olara berkarar Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys – diýip bellemegi, ýurdumyzda ýaşlara uly üns berilýändiginiň nobatdaky aýdyň subutnamasydyr. Ýaşlaryň hukuklaryny üpjün etmek babatda zerur şertleriň döredilmegi ýurdumyzyň ýörite kanunlarynda we maksatnamalarynda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň kanunçylygy ýaşlaryň durmuş ykdysady, syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny doly kepillendirýär. Şunuň bilen baglylykda, ýaş hünärmenleri iş bilen üpjün etmek, bu ulgamdaky kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak işine aýratyn ähmiýet berilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 40-njy maddasynda döwletiň ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýändigi we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýändigi kesgitlenen. Ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi olaryň kämil bilim almagyna, döredijilikli zähmet çekmegine, mukaddes Watana akýürekden gulluk etmegine uly mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, 2022-nji ýylyň sentýabrynda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň kabul edilmegi möhüm ähmiýete eýedir.

Ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmäge we ökde hünärmenleri taýýarlamaga aýratyn üns berilýär. Sebäbi ylym-bilim bilen üstünlikli hem ýeňişli ýollar geçilýär. Hut şonuň üçinem ulgamy ösdürmek döwlet syýasatynda ileri tutulýar. Bilim ulgamyny ösdürmek, kämilleşdirmek, oňa sanly ulgamy ornaşdyrmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny gowulandyrmak baradaky işler munuň subutnamasy bolup durýar. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda konsepsiýalaryň, maksatnamalaryň kabul edilmegi we düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi ylym-bilim ulgamynyň ösmeginde möhüm ähmiýete eýedir.



Hormatly Prezidentimiz: « Ylym ýaşlaryň özlerine, şu gününe we geljegine bolan ynamyny ösdürýär. Ylymly ýaşlar döwletimiziň kuwwatly güýjüdir, halkymyzyň belent maksatlara ýugrulan nurana geljegidir» – diýýär. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň talyp ýaşlary we mekdep okuwçylary bilen geçiren duşuşygynda olara ýüzlenip – Siz täze ylmy işleriňiz, düýpli açyşlaryňyz bilen özüňizi öňdebaryjy nesiller hökmünde dünýä tanatmalysyňyz – diýip belledi. Bu sözler türkmen ýaşlaryna ylym-bilim ulgamyna dünýä tejribesini öwrenmekde, ony durmuşa ornaşdyrmak babatda täze teklipleri taýýarlamakda, ýurdumyzyň ylmy ösüşlerini dünýä ýaýmakda ruhy güýç berýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda Watanymyzyň gülläp ösmeginde ýaşlar uly güýç bolup durýar. Ýurdumyzda ýaşlaryň hemmetaraplaýyn kämil bolmagy üçin ähli şertler döredilip, olara jogapkärli wezipeler ynanylýar. Çünki buýsanyp aýdyşymyz ýaly, ýaşlar – biziň şu günümiz, geljegimiz. Olaryň amala aşyrýan işlerinden döwrümiz, ömrümiz gülleýär. Ýaşlary hakyky watançylyk, ynsanperwerlik, ýokary ahlaklylyk, Watana we şöhratly taryhymyza, halkymyzyň medeniýetine, däp-dessurlaryna, maşgala gymmatlyklaryna hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, olaryň ylym-bilime höwesini artdyrmak ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar.

**Rejepnazar TAGANOW,**
*Daşoguz welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň orunbasary.*

# Ýaşlar syýasaty has-da dabaralanýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu bolsa ýaşlaryň islendik döwletiň ykdysady ösüşinde hem aýratyn orun tutýandygyny görkezýär. Watanymyzyň beýik geljeginiň, halkymyzyň bagtyýarlygynyň bähbidine has-da yhlasly okamak, öwrenmek, döretmek we bildirilýän ynama mynasyp bolmak türkmen ýaşlarynyň baş maksady, mizemez ýol-ýörelgesidir.

Tamamlanyp barýan 2023-nji ýyl «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylan ýyl Türkmenistanda ýaşlar syýasatynyň has-da dabaralanmagynyň alamatyna öwrüldi. Bu bolsa döwlet syýasatynyň özboluşly ugry hökmünde ýaş nesilleriň mümkinçiliklerini giňden açmagy, olaryň ylymly-bilimli, sagdyn, giň dünýägaraýyşly, ökde hünärmenler bolup ýetişmeklerini nazarda tutýar. Ýaşlaryň döwlet derejesinde jemgyýetçilik wezipeleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak, bu nesliň wekilleriniň ýurduň ösüş-özgertmelerini döwrebap derejede mynasyp dowam etdirmekleri üçin zerur şertleri ýola goýmak maksatlary häzirki döwürde ýurtda möhüm işleriň hatarynda kesgitlenilýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gazanýan taryhy üstünliklerimizde ýaşlarymyza uly orun degişlidir. Bagtyýar ýaşlarymyz ata Watanymyzyň şan-şöhratyny artdyrmaga öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Şu ýylda bilimde, ylymda, sportda, medeniýetde, senagatda, oba hojalygynda, ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklarynda ýaş nesliň wekilleriniň uly üstünliklere eýe bolandygyny, diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, halkara derejeli ýaryşlarda, olimpiadalarda-da döwletimiziň tugyny belentde parladyp, uly ýeňişleri gazanandyklaryny kanagatlanma bilen belläp geçen hormatly Prezidentimiz ýylyň ahyrynda ýaşlaryň dabaraly maslahatyny we sergisini geçirmegi tabşyrdy.

Mälim bolşy ýaly, üstümizdäki ýylda türkmen talyplary halkara bilim olimpiadalarynda



üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp boldular. Golaýda paýtagtymyz Aşgabatda Kuraş boýunça dünýä çempionaty geçirilip, onda hem ýaş türkmen türgenleri üstünlikli çykyş edip, 5 altyn, 6 kümüş we 4 bürünç medalyň eýeleri bolmagyň hötdesinden geldiler.

Ýakynda on bir aýyň dowamynda alnyp barlan işleriň jemleri bagyşlanyp geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň türgenleri dürli halkara sport ýaryşlaryna gatnaşyp, jemi 739 medal gazanyp ýurdumyzyň sport abraýyny täze derejelere göterdiler diýip belledi.

Türkmenistanda ýaşlar syýasatynyň ata-babalarymyzyň asylly ýörelgeleri hem-de häzirki zaman jemgyýetçilik talaplaryna laýyklykda mynasyp durmuşa geçirilmegi ýaşlaryň ähli babatda döwlet durmuşynda uly ornunyň bolmagynda aýratyn many-mazmuna eýedir. Şu nukdaýnazardan ýurduň milli ykdysadyýetiniň ähli ulgamlarynda, şol sanda ýangyç-energetika, ulag we kommunikasiýa, oba hojalygy, maliýe-bank ulgamynda we beýleki pudaklaýyn ugurlarda zehinli, başarnykly ýaşlaryň zähmet çekmeginiň ileri tutulýan işleriň hatarynda durýandygyny bellemek bolar.

Döwlet Baştutanymyzyň ýaşlar hakynda edýän aladalary ýaşlaryň diňe bir bilim-terbiýe almaklaryny, hünär öwrenmeklerini gazanmak bilen çäklenmeýär. Olar ýaşlarda ruhy-ahlak, medeni gymmatlyklara, halal zähmete, sagdyn durmuş ýörelgelerine söýgi döretmek, ýaşlaryň hukuklaryny üpjün etmek, jemgyýetçilik we şahsy başlangyçlaryny goldamak ýaly ugurlary hem öz içine alýar.

Goý, ýaşlary Watanymyzyň daýanjy hasaplaýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri hemişe rowaç bolsun!

**Bagdagül ÝUSUPOWA,**
*Balkan welaýatynyň polisiýa müdirliginiň Magtymguly etrabynyň polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýerli wekilleri bölümçesiniň Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça bölüminiň gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.*

# DÜNÝÄ HABARLARY

## gysga setirlerde



**Prezident saýlawlaryna gatnaşmakçy.** Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putin ýurduň döwlet Baştutanynyň 2024-nji ýylda geçiriljek saýlawlaryna gatnaşmakçydygyny aýtdy. Ol bu barada Kremlde myhmanlar bilen söhbetdeşlikde aýtdy. Saýlawlar Merkezi saýlaw komissiýasynyň kararyna laýyklykda, 15-17-nji mart aralygynda geçiriler.



**Möhletinden öň saýlawlar geçiriler.** Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew 2024-nji ýylyň 7-nji fewralynda möhletinden öň Prezident saýlawlaryny geçirmek barada karara gol çekdi. Soňky gezek ýurtda Prezident saýlawlary 2018-nji ýylyň ýazynda geçirilipdi. Kanuna görä, ýurduň Prezidenti 7 ýyl möhlete saýlanýar.



**Hawýer Mileý wezipesine girişdi.** 10-njy dekabrda Argentinanyň täze saýlanan Prezidenti Hawýer Mileý ýurduň parlamentiniň agzalarynyň öňünde kasam kabul etdi. Ýurduň täze Prezidentiniň hünäri ykdysatçy bolup, noýabr aýynda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazandy.



**«Bloomberg»-iň täze sanawy.** «Bloomberg» agentligi iň iri işewürleriň maliýe hal-ýagdaýlary baradaky maglumatlary hödürleýän «Millionerleriň indeksini» neşir etdi. Sanawda birinji orun şu ýylyň başyndan bäri öz maýasyny 85,8 milliard dollar (umumy maýasy 222 milliard dollar) artdyran Ilon Maska degişlidir. Ikinji orny Jef Bezos eýeleýär.



**«Aditya-L1» Gün ýelini öwrenýär.** Hindistanyň uçuran «Aditya-L1» Güni öwreniş awtomatik kosmos stansiýasy Gün ýelini öwrenip başlady. Maglumatlara görä, stansiýadaky ion spektrometr işe girizildi. Enjamyň Ýerden 1,5 million kilometr uzaklykdaky Gün-Ýer ulgamynyň Lagranža nokadyna çykarylmagy meýilleşdirilýär.



**Ykjam telefonlar gadagan ediler.** Täze Zelandiýanyň ähli mekdeplerinde akylly telefonlaryň ulanylmagy gadagan ediler. Bu barada ýurduň täze Premýer-ministri Kristofer Lakson habar berdi. – Munuň bilim ulgamynda örän gowy netijeleri berýändigini geçirilen barlaglar tassyklaýar – diýip, Lakson aýtdy.



**Ýylyň sözi mälim edildi.** Germaniýanyň nemes dili jemgyýetiniň wekilleri «Krisenmodus» (çökgünlik) adalgasyny 2023-nji ýylyň sözi diýip mälim etdi. Ýylyň dowamynda Germaniýada energiýa, karz, migrasiýa, saglygy goraýyş ulgamyndaky we ýaşaýyş jaý bazaryndaky meseleler barada gürrüň gozgaldy.



**Reňkini üýtgedýän mata.** Gonkongyň alymlary reňkini üýtgedýän mata oýlap tapdylar. Bu mata emeli aň tehnologiýaly kindiwanja kamera bilen üpjün edilendir. Reňki üýtgetmek üçin kamera belli bir yşaraty etmek ýeterlikdir. Alymlar täze matanyň ýumşakdygyny we ekologiýa taýdan arassadygyny aýdýarlar.



**Düýeler maşgalasyna degişli jandarlaryň ýyly.** Birleşen Milletler Guramasy 2024-nji ýyly düýeler maşgalasyna degişli jandarlaryň Halkara ýyly diýip yglan etdi. Bu barada BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy (FAO) habar berýär. Düýeler 90-dan gowrak ýurtda millionlarça maşgalanyň durmuşyny üpjün etmekde aýratyn orna eýedir.



**Täsin şaýy pul tapyldy.** Arheologlar Norwegiýanyň Westre-Slidre daglarynda geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde özboluşly şaýy pul tapdylar. Hünärmenler bu şaýylygyň 977-1025-nji ýyllar aralygynda Wizantiýa imperiýasyny doganlar Wasiliý II we Konstantin VII tarapyndan dolandyran döwürlerinde zikgelenen bolmaly diýip çaklaýarlar.

# ÝUNESKO-nyň medeni mirasynyň täze sanawy

**4-nji dekabrdan 9-njy dekabr aralygynda Botswana Respublikasynyň Kasane şäherinde ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasy gorap saklamak boýunça Hökümetara komitetiniň 18-nji mejlisi geçirildi. Bu ýyl komitetiň hünärmenleri 40-dan gowrak täze mirasy sanawa girizdiler.**



Gadymdan gelýän däp-dessurlary, bilimleri we tejribeleri sanawa girizmegiň esasy maksady, olaryň goralmagyny we geljek nesillere ýetirilmegini üpjün etmekden ybaratdyr. Indi bu sanawda 600-den gowrak miras bar.

ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna onlarça täze miras goşuldy. Olaryň arasynda Rotterdam tomus karnawaly (Niderlandlar), atlas we adras matalaryny dokamak däpleri (Täjigistan), gadymdan gelýän toparlaýyn «dabke» tansy (Palestina), polonez tansy (Polşa), Ahalteke atçylyk sungaty we atlary bezemek däpleri (Türkmenistan), çägäň ýüzüne surat çekmek däpleri (Angola), Gýumride gadymdan gelýän demirçilik senedi (Ermenistan), bolero tansy (Kuba, Meksika), golýazmalaryň sahypalarynda, kalligrafik ýazgylarda we miniatýuralarda ulanylýan «nagyşlama» bezeg sungaty (Azerbaýjan, Eýran, Täjigistan, Türkiýe, Özbegistan), Remezan aýynda musulmanlara agzaçar bermek däpleri (Azerbaýjan, Eýran, Türkiýe, Özbegistan), balaban saz guralyny ýasamak däbi (Azerbaýjan, Türkiýe), zenanlaryň başyna «eleçek» atynmak bilen baglanyşykly däp-dessurlary (Gyrgyzystan) opera aýdym aýtmak däbi (Italiýa), gadymdan gelýän keramiki önümleri taýýarlamak däpleri (Özbegistan) bar.

Mundan başga-da, Türkiýede zeýtun agajyny ösdürip ýetişdirmegiň hem-de onuň hasylyny ýygnamagyň öňden gelýän usullary, şeýle-de Siriýada çüýşe önümlerini ýasamagyň däpleri ýaly tejribeler gyssagly goraga mätäç miras hökmünde hasaba alyndy.

Häzirki wagtda Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna goşulmak üçin dalaşgärleri hödürlemek hukugyny 2003-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasy tarapyndan kabul edilen maddy däl medeni mirasy goramak baradaky konwensiýany tassyklan 182 ýurt peýdalanýar. Konwensiýa gatnaşýan 24 döwletiň wekillerinden ybarat bolan komitet ýylda bir gezek ýygnanyp, agza ýurtlaryň maddy däl medeni miras sanawyna käbir tejribeleri goşmak baradaky haýyşlaryna seredýär.

# Ýewropa täzelenip bilýän energiýa bil baglaýar

30-njy noýabrdan 12-nji dekabr aralygynda Dubaýda geçirilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatynda birnäçe şertnama baglaşyldy. Dünýädäki 50 nebit kompaniýasy 2050-nji ýyla çenli uglerodyň bitaraplygyny gazanmagy we metanyň zyňyndylaryny nola çenli azaltmagy maksat edinýär. Bu kompaniýalar dünýädäki nebit çykarylyşynyň ýarysyna golaýyny emele getirýär.

Beýleki tarapdan, 116 ýurt özara ylalaşyp, 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa kuwwatyny üç esse we energiýa netijeliligini iki esse ýokarlandyrmagy öz üstüne aldy. Gol çekenleriň arasynda ABŞ, Kanada, Ýaponiýa we Ýewropa Bileleşigi bar. Hytaý, Hindistan we Russiýa gol çekmekden saklandy.

Ýewropa Bileleşigi ýakyn iki ýylda «goňşy ýurtlarda we bütin dünýäde» energiýa geçişini goldamak üçin 2,3 milliard ýewro maýa goýmagy wada berdi. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen mälim etdi.

– Biz has köp täzelenip bilýän energiýa çeşmelerini ornaşdyrmaly, zerur önümleri öndürmek hem-de hyzmatlary hödürlemek üçin az energiýa sarp etmeli. Dünýäde iň arzan energiýa çeşmesi, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmesidir – diýip, Ursula fon der Lýaýen aýtdy.




118 ýurt 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa kuwwatyny üç esse artdyrmagy wada berdi. Mundan başgada, 123 ýurt Howa we saglyk boýunça COP28 Jarnamasyna gol çekdi. Bu başlangyç saglygy howanyň üýtgemegine garşy göreşiň üns merkezinde goýýar we zyňyndylaryň azaldylmalydygyny talap edýär, ýöne düýp sebäbini – gazylyp alynýan ýangyjyň ulanylmagyny bes etmegiň zerurlygyny agzamaýar.

# EMELI AŇ BOÝUNÇA YLALAŞYK

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar we Ýewropa Parlamenti emeli aňyň (AI) ulanylmagyny kadalaşdyrýan kanun barada ylalaşyk gazandylar. Bu barada Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşindäki Ispaniýanyň wekilhanasy X jemgyýetçilik ulgamynda habar berdi.

Onda emeli aň kanuny barada deslapky ylalaşygyň gazanylandygy bellenilýär. «Bu başlangyç Ýewropa Bileleşiginde satylan we ulanylýan emeli aň ulgamlarynyň howpsuz bolup, jemgyýetiň esasy hukuklaryna we gymmatlyklaryna hormat goýmaga gönükdirilmelidir» diýlip beýanatda bellenilýär.



Içerki bazar boýunça Ýewropa komissary Terri Bretonyň aýdyşy ýaly, Ýewropa emeli aň ulanmak boýunça anyk düzgünleri kesgitlän ilkinji yklymdyr. Syýasatçynyň X jemgyýetçilik ulgamynda ýazyşy ýaly, bu ýerde gürrüň Ýewropa Bileleşiginiň startaplary we barlag geçirijileri üçin meýdança barada barýar.

«El Pais» gazetiniň habaryna görä, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar we Ýewropa Parlamenti geçirilen gepleşiklerden soň ylalaşyk gazandy. Kanunyň teksti güýje girmezden ozal, ol Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlar we Ýewropa Parlamenti tarapyndan tassyklanmalydyr. Käbir ugurlar has ir güýje girip başlasa-da, munuň 2026-njy ýylda bolup biljekdigi çaklanylýar. Beýleki zatlar bilen birlikde, kanun «ChatGPT» we hakyky wagtda biometrik kesgitleýiş ulgamlary ýaly tehnologiýalaryň ulanylyşyny kadalaşdyrmaga kömek etmelidir. Emeli aň boýunça ylalaşyk gazanmak Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşindäki Ispaniýanyň başlyklygynyň ileri tutýan ugurlarynyň biri boldy. 2024-nji ýylyň ýanwar aýyndan bu wezipe Belgiýa geçýär.

# DONALD TUSK KASAM KABUL ETDI

13-nji dekabrda täze Premýer-ministr Donald Tusk we Ministrler Kabinetiniň täze agzalary Polşanyň Prezidenti Anjeý Dudanyň administrasiýasynda kasam kabul etdiler. Tusk kasam kabul edenden soň, hökümet agzalaryny mälim etdi. Tuskuň kabinetinde jemi 26 ministr bolup, olaryň sekizisi zenanlardyr. Tuskuň öňki hökümetinde daşary syýasat edarasyna ýolbaşçylyk eden Radoslaw Sikorskiý daşary işler ministri boldy. «Polşanyň daýhan partiýasynyň» başlygy Wladyslaw Kosinýak-Kamyş goranmak ministri wezipesine eýe boldy we ýurduň iki wise-premýeriniň biri boldy. Medeniýet ministrligine ozal Polşanyň içeri işler ministri bolup işlän Bartolomeý Senkewiç ýolbaşçylyk etdi.



12-nji dekabrda Polşanyň Seýminiň (parlamentiň aşaky palatasy) deputatlary Premýer-ministr Donald Tuskuň hökümetine ynam sesini berdiler. Ses berişligiň barşynda Donald Tuska 201 parlament agzasy ses berip, saklanan bolmady.

15-nji oktýabrda geçirilen parlament saýlawlarynyň netijesinde, öňki dolandyryjy «Kanun we adalat» partiýasy Seýmda 194 orna, iň uly bileleşik «Raýat koalisiýasy» 157 orna, «Üçünji ýol» hereketi 65 orna, «Çep» 26 orna, sagçy «Konfederasiýa» birleşigi 18 orna eýe boldy. Tuskuň partiýasy «Raýat koalisiýasy», «Üçünji ýol» we «Çep» koalisiýa şertnamasyna gol çekip, parlament köplügini resmileşdirdi. «Hukuk we Adalat» partiýasynyň öňki Premýer-ministri, hökümet gurmak hukugyna ilkinji bolup eýe bolan Mateuş Moraweskiniň kabineti, 11-nji dekabrda Seýmde geçirilen ses berişligiň barşynda ynam sesini alyp bilmedi.

# Sanawyň başyny çekdi

**«Forbes» žurnalynyň habaryna görä, Ýewropa Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen 2023-nji ýylda dünýäniň iň täsirli zenany boldy. Žurnalyň web sahypasynda çap edilen sanawa görä, ikinji orny Ýewropanyň Merkezi bankynyň başlygy Kristin Lagard eýeleýär, iň täsirli zenanlaryň üçlüginde ABŞ-nyň wise-prezidenti Kamala Harris, ondan soň Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni we amerikaly aýdymçy Teýlor Swift bar.**



**Sanawda ABŞ-nyň maliýe ministri Janet Ýellen 27-nji, amerikaly aktrisa we teleýaýlym alyp baryjysy Opra Winfri 31-nji, amerikaly aýdymçy Beýonse 36-njy orunda gelýär. 100 ornuň sanawyna «Barbie» gurjagy hem girizilipdir.**

**«Forbes»-iň belleýşi ýaly, bu sanaw maliýe ýagdaýy, habar beriş serişdelerinde agzalmagy, jemgyýetiň pikirine täsiri, täsir ediş gurşawy ýaly şertlere esaslanýar.**

# HALKARA BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERI

Ýedinji gezek geçirilen «2023-nji ýylyň toý suratçysy» (Wedding Photographer of the Year 2023) atly halkara baýragy, iň gowy toý suraty ugrundaky bäsleşigiň netijelerini jemledi. Şu ýylky bäsleşige dünýäniň dürli sebitinden 300-den gowrak suratçy gatnaşyp, olar 11 ugurda 1700-den gowrak surat hödürlediler.

Bäsleşikde birinji orny kanadaly suratçy Taru Lilliniň işi eýeledi. Emin agzalary 1700-den gowrak suratyň içinden kanadaly suratçynyň suratyny saýlady. Ýeňiji 3 müň dollar möçberindäki pul baýragy bilen sylaglandy. Taru Lilli toý dabarasy açyk meýdanda bolup geçýän ýigidiň we gelniň suratyny düşürdi. Ol surata alyp durka birdenem gelniň kellesinde duýdansyz bir guş goňýar. Suratçy täsin pursaty sypdyrman, surata düşürip ýetişýär.

Italiýaly toý suratçysy Karmelo Uççino ikinji orny eýeledi. Ol täze durmuş guranlaryň ilkinji tansyny surata düşürdi. Surat ak we gara reňkde alnypdyr.



### «2023-nji ÝYLYŇ EKOLOG FOTOSURATÇYSY» BÄSLEŞIGINIŇ ÝEŇIJILERI MÄLIM EDILDI

- Şu ýylky «Environmental Photographer of the Year 2023» bäsleşigine dünýäniň 159 ýurdundan müňlerçe fotosurat iberildi. Bu çäräniň maksadynyň daşky gurşawyň meselelerine ünsi çekmekden ybaratdygyna garamazdan, baýraga eýe bolan suratlar janly-jandarlaryň adatdan daşary howa şertlerine nähili garşy durýandygyny görkezýär.

Bu ýyl baş baýraga Italiýanyň Turin uniwersitetinde düşürilen esger siňekleriň (Hermetia illucens) fotosuraty üçin Maurisio di Petrosoldýe eýe boldy.

# Şwesiýa iş wagtyny azaltmakçy

Şwesiýanyň Sosial-demokratik partiýasy (Socialdemokraterna) 2026-njy ýyldaky saýlaw kampaniýasynyň esasyny düzjek iş wagtyny azaltmak teklibini taýýarlaýar.

Geçirilen birnäçe barlaglar, iş wagtyny azaltmagyň peýdalydygyny, zähmet we maşgala durmuşynyň arasyndaky deňagramlygy ýokarlandyrýandygyny görkezdi.

40 sagatlyk iş hepdesiniň Şwesiýada hödürlenine 50 ýyl töweregi bolupdyr.

Sosial-demokratik partiýasynyň agzasy Annika Strandhell pandemiýadan bäri bolup geçen wakalaryň iş şertlerine üýtgeşmeleriň girizilip bilinjekdigini görkezdi, ýöne bu ähli hünärlere degişli däl.



– Biz dürli modellere göz aýladyk, ýöne iş wagtynyň dowamlylygyny näçeräk azaltmalydygymyz barada entek belli bir netijä gelmedik. Bu pikir, köp pudaklarda işçi güýjüniň ýetmezçiligi bilen bir wagtda ýüze çykdy. Soňky dört ýylyň dowamynda stres sebäpli 50%-den gowrak adam nähoşdugy sebäpli zähmet rugsadyny aldy – diýip, Annika Strandhell aýtdy. Bu mesele boýunça anyk syýasy teklipler 2024-nji ýylyň ýazynda hödürlener.

# IKI ŞERTNAMA GOL ÇEKDILER

Iordaniýa bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň (BAE) döwlet eýeçiligindäki «Abu Dhabi Future Energy Company» (Masdar) kompaniýasynyň arasynda ýurtda «ýaşyl» wodorod we ýel energiýasyny öndürmek boýunça iki şertnama gol çekildi.

Iordaniýanyň Energetika we mineral serişdeler ministri Saleh al-Harabşi öz beýanatynda «ýaşyl» wodorod öndürýän desganyň Iordaniýanyň Akaba portunyň golaýynda ýerleşjekdigini hem-de süýjedilen deňiz suwlaryny we täzelenip bilýän energiýa çeşmelerini ulanyp, ýylda 50 müň tonna wodorod öndürjekdigini aýtdy.

Beýleki bir şertnama laýyklykda, «Masdar» Iordaniýada energiýa saklaýyş ulgamly 1 GW kuwwatly elektrik bekedini işläp düzer diýlip, beýanatda bellenilýär. Beýanatda şertnamalaryň BAE-de geçirilen COP28 konferensiýasynda gol çekilendigi aýdylýar.



# TARYHDA ŞU GÜN

**BMG-niň daşky gurşaw meseleleri bilen meşgullanýan esasy guramasy ÝUNEP 1972-nji ýylyň 15-nji dekabrynda döredildi. Hut şol gün Stokgolmda BMG-niň daşky gurşawy goramaga bagyşlanan ilkinji konferensiýasynda daşky gurşawy goramak boýunça BMG-niň maksatnamasy döredildi. ÝUNEP-iň howandarlygynda her ýyl Bütindünýä daşky gurşaw güni bellenilýär.**

# «AirHelp» dünýäniň IŇ GOWY HOWA MENZILINI SAÝLADY

**Uçar ýolagçylarynyň hukuklaryny goraýan «AirHelp» halkara guramasy dünýäniň howa menzilleriniň we awiakompaniýalarynyň sanawyny mälim etdi.**

**Daniýanyň «AirHelp» kompaniýasy 194 howa menziliniň infrastrukturasynyň seljermesi esasynda ýyllyk sanawyny düzdi. «AirHelp», esasan, hyzmatlaryň hili, uçuşlaryň gijikmeginiň ortaça mukdary we müşderilerde ýüze çykýan meseleleri çözmek ýaly görkezijilere baha berdi.**

**Omanyň Maskat halkara howa menzili 8,54 bal bilen dünýäniň iň gowy howa menzili diýlip yglan edildi. Sanawda Braziliýanyň Resifi şäherindäki Žilbertu Freýre halkara howa menzili (8,49) ikinji orny, Keýptaunyň halkara howa menzili (8,48) üçünji orny eýeledi. Sanawda 6,39 bal bilen Indoneziýanyň Syamsudin Nur halkara howa menzili iň soňky orna düşdi.**

**«AirHelp Score 2023» dünýäniň täjirçilik maksatly awiasiýa pudagynda iş alyp barýan 83 awiakompaniýa hem baha berdi. «Qatar Airways» 8,38 bal bilen iň gowy kompaniýa diýlip yglan edildi, ikinji ýeri Germaniýanyň «Eurowings» awiakompaniýasy eýeledi (8,27). Ilkinji üçlüge Polşanyň LOT (8,11) howa ýollary birikdi. Iň soňky orunda 4,12 bal bilen Tunis howa ýollary gelýär.**





# OŇYN PIKIRLENME: täzeçe garaýyş we üstünlik

Köp adam bolup geçen haýsydyr bir wakany eşidende ýa-da başyna bir iş düşende ony ýagşa ýorýar, käbir adam bolsa, sähelçe zady göwnüne getirip gynanýar. Oňyn pikirlenme dogabitdi ukyp däl. Adamda oňyn pikirlenme haýsydyr bir zadyň täsiri esasynda döreýär. Adam alan terbiýesi, okan kitaplaryndan çykaran netijesi, şeýle hem daş-töweregiň gowy täsiri netijesinde oňyn pikirlenip biler. Fizikanyň kanunyna görä maddanyň atom bölegi daş-töwereginde birnäçe elektronlary jemleýär. Elektron bölejikler yrgyldy ýygylygy esasynda atomyň daşynda hereket edýärler. Şeýle hem şol bir ýygylykdaky atomlar biri-birlerini özüne çekýärler. Fizikanyň bu kanunyndan çen tutsak, adam beýnisi hem atom bölegi ýaly daş-töwerekdäki gowy pikirleri özüne çekýär. Şol sebäpli oňyn pikirlenýän adamlar bize has ýakyn duýulýar.

Beýnide oňyn pikirlenmäni ýola goýmak üçin dem alyş usullaryna, amaly maşklara we tebigy bejergilere üns bermeli. «Her gezek gowy bir zat hakynda pikirlenmäge synanyşanymda bir zat meni bökdeýär» diýýän bolsaňyz, päsgelçilikleri aradan aýyrmak üçin tejribe toplamaly. Munuň üçin ilki bilen özüňi köşeşdirmeli. Uludan dem almak hem-de gözüňi ýummak bilen aňyňy durlamaly. Bu ýagdaý oňyn pikirlenmegiň iň amatly usulydyr. Maşk etmek, sport bilen meşgullanmak hem bagt gormonyny ýokarlandyryp, adamyň rahatlanmagyna we oňyn pikirleriň döremegine kömek edýär. Käte ähli zady ýagşylyga ýorýan şadyýan adamlar hem otrisatel duýgulara duçar bolýarlar. Bu ýagdaý aladanyň, gynanmagyň, gaharyň we ýadawlygyň netijesinde ýüze çykýar. Munuň öňüni almak üçin gün tertibini talabalaýyk ýöretmeli, şeýle hem jemgyýetçilik arabaglanyşygyny berkitmeli. Ýagny wagtly-wagtynda iýip-içip, dynç alyp, dost-ýarlaryň, maşgala agzalaryň bilen gürrüňleşmäge wagt aýyrmaly.

**OŇYN PIKIRLENMEK ÜÇIN TEKLIPLER**

**Oňlanylmaýan pikirleri kelläňizden aýryň!** Psihologlar päsgelçilik berýän oňlanylmaýan pikirleri kellämizde jemläp, ak kagyza ýazmagy hem-de haty ýakmagy ýa-da gömmegi maslahat berýärler. Halamaýan zatlaryňy kagyza ýazmagyň adama psihologik täsiri bolup, erbet pikirlerden saplanmaga ýardam edýär.

**Ylhamy özüňiz gazanyň!** Käbir adam bir ýerlerden ylham berýän energiýanyň gelmegine garaşýar. Aslynda bu ýagdaýy psihologlar tassyklamaýarlar. Ylhama garaşmak adamy ýalta edýär. Maksatlara tarap ädim ätmegi dowam etmeli. Esasy zat yzygiderli hereket hem-de özüňe bolan ynam.

**Ýagşylyk etmegi dowam ediň!** Başgalara ýagşylyk etmek özüňe kömek etmekdir. Adamlary mümkin boldugyça goldamaga synanyşyň, esasan hem, otrisatel pikirleri başdan geçirýänlere, gowy sözler bilen goldaw bermek adamy üstünliklere tarap ruhlandyryp, täzeçe pikirleriň döremegine getirýär.

**Daş-töwerekden lezzet alyň!** Durmuşda ýüze çykýan käbir kynçylyklara garamazdan, daş-töwerege has ünsli çemeleşiň! Göwnüňize ýaraýan zatlara, halaýan güýmenjäňize has köp wagt aýryň! Çagalar bilen wagt geçirmek, otag güllerine ideg etmek, tagamlary taýýarlamak, kitap okamak, küşt oýnamak muňa mysal bolup biler. Bilermenler ýakynlaryňa guwanyp ýaşamagyň adamy has bagtly edip, oňyn pikirleriň çeşmesine öwrülýändigini belleýärler.

**Täze zatlary öwreniň ýa-da oýlap tapyň!** Adamyň iň güýçli bölegi beýnisi bolup, tutuş bedeni dolandyrmaga täsir edýär. Geçmişde bolup geçen wakalar we kynçylyklar barada köp pikir edip, geljege tarap ädim ätmegi ýatdan çykarmaň! Täze gurşaw, güýmenjeler, wakalar... Bolmajak pikirleri ýadyňyzdan çykaryp, pikirleriňizi täze ugurlara tarap gönükdiriň! Mysal üçin, dil öwrenmek arkaly täze bir dünýä aralaşyp bilersiňiz. Wideo sahypalaryndan ýa-da bir hünärmenden senetçilik bilen bagly öwrediji sapaklara tomaşa edip, täze zatlary hem ýasamagy öwrenip bilersiňiz. Adam täzeçillige tarap ädim ädende özünden göwnühoş bolýar.

# JIGOKUDANI SEÝILGÄHI – maýmynlaryň gyşky dynç alşy

Tebigatda duş gelýän täsin hadysalaryň biri hem ýapon maýmynlarynyň gyşky dynç alşydyr. Ýer ýüzünde maýmynlaryň 170 töweregi görnüşi duş gelip, olaryň arasynda ýapon makaklary her ýyl gyş paslynda Jigokudani jülgesindäki tebigy hammama barýandygy bilen tapawutlanýar. «Gar maýmyny» hem diýilýän bu jandarlar gyş aýlarynda Ýaponiýanyň Nagano şäheriniň demirgazygyndaky Jigokudani jülgesinde ýygnanýarlar. Dik gaýalar bilen gurşalan, bugaryp duran çeşmeli «açyk hammamy» emele getirýän Jigokudani ýaponçada «dowzah jülgesi» diýmegi aňladýar.

Seýilgähiň tutýan meýdany o diýen uly bolman, daş-töweregini tokaýlar emele getirýär. Gyş paslynda agyr gar bilen örtülýän seýilgähiň ýyly suwly bolmagynyň sebäbi çeşmeden çogup çykýan gyzgyn läbik bilen düşündirilýär. Seýilgähe 1 sagadyň dowamynda aýlanyp bolýar. Bu ýerde köpleriň ünsüni özüne çekýän esasy waka makaklaryň suwuň içinde oturmagydyr. Hammama her ýyl 160-dan gowrak maýmyn gelýär. Bu ýerde ýapon dilinde seýilgäh bilen tanyşdyrýan kiçiräk maglumat merkezi bar. Syýahatçylar suwa düşýän maýmynlary täsirli tomaşa etmek bilen geň-taň wakalaryň şaýady bolýarlar. Maýmynlaryň özüni alyp barşy, hammamda berjaý edýän düzgünleri görenleri haýran galdyrýar. Hatda kiçijik makaklaryň hem hammama girmegi üçin berjaý etmeli düzgünleri bar. Güne ýüzli maýmynlar çagalarynyň gark bolmazlygy üçin olary gözegçilikde saklaýarlar.

Seýilgähiň umumy düzgünlerine görä, bu ýere gezelenje gelýänler maýmynlary ýakyndan synlap bilerler. Surata hem düşüp bilerler, emma maýmynlary iýmitlendirmek gadagan edilýär. Howzuň başynda onlaýn görnüşde göni kamera oturdylypdyr. Seýilgähiň girelgesindäki depede Omodaka myhmanhanasy bar. Myhmanhanada birnäçe gün galyp, seýilgäh bilen has ýakyndan tanşyp bolýar.

Seýilgähe barýan myhmanlar gyş paslynda gyzyl ýüzli maýmynlaryň näme üçin gyzgyn suwa ýuwunýandyklary bilen gyzyklanýarlar. Munuň sebäbini ýerli tebigaty öwreniji hünärmenler «Ýapon makaklary sowukda ýylanmak hem-de özüni rahatlamak üçin tokaýdan aşak inip, Jigokudani seýilgähindäki açyk hammama gelýärler. Bu ýagdaý gar maýmynlarynyň tebigy häsiýetidir» diýip düşündirýärler.

Seýilgähde bu maýmynlara ýylyň ähli möwsüminde duş gelinse-de, gar ýagyp duran pursady makaklaryň hammama girmegi geň galdyryjy waka hasaplanýar. Bu ýerde adatça dekabr aýyndan mart aýyna çenli gar bolýar. Seýilgähi aýlanmak üçin iň amatly wagt ýanwar-fewral aýlarydyr. Jigokudani maýmyn seýilgähi «Baraka» dokumental filminde surata düşürilenden soň meşhur ýerleriň biri hökmünde tanaldy.







# Dünýäniň iň sowuk sebiti

**Dünýäniň iň sowuk yklymy Antarktida bolsa-da, Ýer togalagynyň iň sowuk şäheri Ýakutsk hasaplanýar. Ýakutsk Russiýanyň uzak gündogar sebitinde, Lena derýasynyň çep kenarynda, Tuýmaada jülgesinde ýerleşýär. Bu şäher gyşyna 3-4 sagatlyk Gün şöhlesiniň ýalkym saçmagy bilen tapawutlanýar. 122 inedördül kilometr meýdany eýeleýän şäheriň 336 müň töweregi ilaty bolup, esasan, dag-magdan işleri bilen meşgullanýarlar. Şäheriň howa guşaklygy kontinental bolup, ýylylyk derejesi -60 derejä çenli peselýär. Ýakutskda iýun aýynda hem gar ýagýan wagtyna gabat gelmek bolýar. Şäherde demir ýol ulgamy bolman, buz ýollarda diňe awtobuslar we mikroawtobuslar hereket edýär. Sowuk şäheriň esasy ulag serişdesi paýtun bolup, ýerli ýaşaýjylar hojalyk işlerinde ata, suguna goşulan arabalardan peýdalanýarlar.**



## Ýakutsk barada gyzykly maglumatlar

☑ Russiýa Federasiýasynyň uzak gündogarynda ýerleşýän Saha Respublikasynyň paýtagty Ýakutskda gyşyna howanyň temperaturasy köplenç 50 derejä çenli sowaýar.

☑ Bu şäher şeýle bir sowuk welin, 10 dereje sowuk howa şäher ýaşaýjylary üçin «yssy» hasaplanýar.

☑ Ýakutsk nebite, altyna, göwhere we başga-da gymmatly metallara baý şäher bolup, ýaşaýjylaryň esasy käri dag-magdan işleri hasaplanýar.

☑ Şäheriň bazarynda esasy iýmit hökmünde et we balyk satylyp, oba hojalyga degişli önümler sowuk şäherde ösdürilip ýetişdirilmeýär.

☑ Ýakutskda ýaşaýjylar azykdyr gök önümleri zaýalanmazlygy üçin däl-de, saň-gaty bolup doňmazlygy üçin sowadyjyda goýýarlar.

☑ Dünýäniň iň sowuk şäheriniň Ýakutskdygyny ýokarda belläpdik. Dünýäniň iň sowuk ilatly ýeri bolsa, Saha Respublikasynyň Oýmýakon obasydyr. Ýakutskdan 700 kilometr çemesi uzaklykda ýerleşýän bu ýerde şu wagta çenli howanyň iň sowuk derejesi 1933-nji ýylda hasaba alnypdyr. Şonda howanyň temperaturasy -67,8 derejä ýetipdir.

## ÇAGALAR

✓ Kamkat Günorta-Gündogar Aziýada ösýän sitrus ösümligi bolup, apelsine meňzeş kiçijik miwe berýär.

# Kagyzdan ýasalýan Täze ýyl bezegleri

**Hemmeleriň, esasan hem, çagalaryň sabyrsyzlyk bilen garaşýan Täze ýyl baýramçylygy ýetip gelýär. Täze ýyl owadan bezegleri, öwşün atýan çyralary bilen beýleki baýramçylyklardan tapawutlanýar. Aýazbaba, Garpamyk, gar adam gyş paslynyň nyşany bolan bu baýramçylygyň gahrymanlary hasaplanýar. Baýramçylyk günlerinde öýlerde arçalar bezelip, yşyklar öwşün atýar. Eýsem, Täze ýyl baýramçylygy üçin nähili şekilleri we bezegleri ýasap bileris?!**
**Siz kagyzdan tozgajyk, arçajyk, reňkli çyrajyk, şarjagaz we sowgatlyk gutulary ýasap gördüňizmi?! Geliň, kagyzdan dürli bezegleri ýasamagy öwreneliň!**

**ARÇAJYK.** Arçajygy ýasamak üçin reňkli kagyz, gaýçy, çyzgyç we galam gerek. Ilki bilen kagyzyň ini boýuny deňläp, dörtburçluk görnüşinde gyrkmaly. Soňra kagyzyň burçlaryny birleşdirip, atanaklaýyn şekilde eplemeli. Kagyzyň gaty açylanda 4 sany üçburçluk emele geler. Soňra kagyzyň merkezinde burç emele getirip, üçburçluklary iç-içine epläp, burçlary mäkäm gysmaly. Burçlaryň sany 8-e ýetenden soň, ýene-de burçlary birleşdirip, iç-içine eplemeli. Iki tarapyň hersinde 4 üçburçluk emele gelenden soň, kagyzy gowy edip basyp, aşagyny deňläp gyrkmaly. Görýän bolsaňyz, arça meňzeş şekil emele geldi. Indi arçanyň her tarapyny şahalary ýasamak üçin kertik-kertik edip galam bilen çyzmaly. Soňra çyzyklary yzarlap kesmeli. Kagyzyň her gatynyň arasyny bir-birden açyp, agaja meňzetmeli. Ine-de arçamyz taýýar boldy. Arçanyň şahalaryny gyrkman, kertikleri aşak epläp hem bilersiňiz.





**TOZGAJYK.** Gar tozgajyklaryny dürli görnüşde taýýarlap bolýar. Munuň üçin ak kagyz we gaýçy gerek. Ilki bilen kagyzy ähli tarapy deň bolan dörtburçluk görnüşde kesmeli. Soňra kagyzyň iki burçuny biri-biriniň üstüne goýup, berk eplemeli. Emele gelen üçburçlugyň iki burçuny birleşdirip, ýene-de eplemeli. Emele gelen üçburçlugy ýaňky yzygiderlikde gaýtadan epläp, aşagyny tegeläp kesmeli. Soňra kagyzyň gapdal gyralaryny kertik-kertik görnüşinde gyrkmaly. Kagyzy islegiňize görä, dürli şekilde kesip bilersiňiz. Görşüňiz ýaly, gar tozgajygy hem taýýar boldy. Indi kagyzy doly görnüşde açyp, tozgajygyň epinlerini aýyrmak üçin kitabyň ýa-da agyr zadyň aşagynda goýaýmaly.

**ŞARJAGAZ.** Bu owadan bezegi ýasamak üçin reňkli kagyz, ýelim, gaýçy we ýüpjagaz gerek. Ilki bilen kagyzy inçe görnüşde zolak-zolak kesmeli. Zolaklar näçe uzyn bolsa, şarjagaz hem şonça-da uly bolar. Şol sebäpli ölçegi islegiňize görä öňünden kesgitläň! Soňra 4 sany kesilen kagyz böleginiň merkezini belläp, olary ýyldyzjyk görnüşinde ýelmemeli. Ondan soňra ýyldyzjygyň ujuny biri-biriniň üstüne goýup, deň derejede ýelmemeli. Ine, baýramçylyk şarjagazy taýýar boldy. Eger-de bu usulda taýýarlamak kyn bolsa, ýönekeý usulda hem şarjagaz ýasap bilersiňiz. Munuň üçin ilki bilen kesilen kagyz bökleriniň hersiniň ujuny biri-birine gabat getirip ýelmemeli. Kagyz bölekleri tegelek görnüşde taýýar bolansoň, 4 sany halkany reňkine görä atanaklaýyn we gytaklaýyn görnüşde ýene-de ýelmemeli. Eger kagyzlar gyşyk ýelmense, şekiliňiz owadan bolmaz. Şol sebäpli bu ýerde üns bermeli zat halkaly kagyzlaryň merkezleriniň biri-birine gabat gelmegidir. Görşüňiz ýaly, şarjagazlar taýýar boldy. Indi olaryň arasyndan ýüpjagazlary geçirip, asaýmak galýar.









**SOWGATLYK GUTULARY.** Arçanyň ýanynda goýulýan sowgatlyk gutularyny taýýarlamak üçin boş kagyz gutular, reňkli kagyzlar, lentajyk, gaýçy we ýelim gerek. Ilki bilen kagyz gutyny berk ýapyp, ýelim çalyp, daşyny reňkli kagyzlar bilen örtmeli. Soňra gutynyň daşyna lenta aýlap, owadan bagjyk ýasamaly. Görşüňiz ýaly, sowgatlyk gutymyz hem taýýar boldy. Sowgatlyk gutularyň ölçegi we reňki islege görä dürli görnüşde bolup, şekilli we nagyşly kagyzlary hem ulanyp bilersiňiz. Bu gutulara islege görä baýramçylyk gutlaglaryny hem ýazyp, daşyna ýasan gar tozgajyklaryňyzy hem ýelmäp bilersiňiz.

**Labirint**



**Şekili reňkläň!**



**Sanlary birleşdiriň!**



**10 tapawudy tapyň!**





# Kamkat näme?

Kamkat Günorta-Gündogar Aziýada ösýän sitrus ösümligi bolup, apelsine meňzeş kiçijik miwe berýär. Naryç reňkli miwäniň ululygy bary-ýogy igde ýaly. Kamkat adatça tegelekden süýnmegräk bolýar. Iňlis dilinde «kumquat» «altyn mandarin» (altyn mämişi) diýen manyny berýän kanton dilindäki sözden emele gelipdir. Bu miwe XII asyrda Hytaýda ýüze çykypdyr. Ýaponiýa, Hindistan, Taýwan ýaly ýurtlara ýaýramagy bilen bu miwe köpçülige mälim bolýar. Kamkat 1850-nji ýyllarda Ýewropa getirilýär we ondan soňra Demirgazyk Amerikada hem ösdürilip ýetişdirilip başlanýar.



Kamkat ýyly howa şertlerinde ösdürilip ýetişdirilende uly we süýji miwe berýär. Kiçijik apelsiniň birnäçe görnüşi bolup, iň köp ýaýrany nagami we meiwa sortlarydyr. Nagami kamkat ABŞ-da ösdürilip ýetişdirilýär. Goňrumtyl baldakly, hemişe gök öwüsýän nagaminiň hoşboý ysly akja gülleri bolýar. Nagami uzyndan süýnmek, biraz turşurak miwe getirýär. Kamkatyň meiwa sorty, esasan, Hytaýda ösdürilip ýetişdirilýär. Meiwanyň tagamy nagamiden has süýji bolup, daşky görnüşi togalak bolýar.

**Kamkatyň tagamy nähili?**

Kamkatyň tagamy beýleki sitrus miwelerine meňzemeýär. Bu miwe hem süýji, hem-de turşy bolup bilýär. Kamkatyň iň süýji bölegi onuň gabygydyr. Şol sebäpli bu miwe terligine gabygy bilen bilelikde iýilýär. Ýöne bu miwäni doly bişmedik wagty, ýagny daşy ýaşyl wagty iýmek maslahat berilmeýär. Kamkat marmelad taýýarlamak üçin iň gowy miweleriň biridir. Sebäbi kiçijik apelsiniň çigidinde pektin (şeker kislotasy) bar. Kamkat Ýewropa aşhanalarynda çorba, közde bişirilýän etli tagamlara hoşboý tagam bermek üçin goşulýar. Miweden islege görä gyş işdäaçaryny, kamkat doňdurmasyny, miweli köke taýýarlap bilersiňiz.

**Miwäniň saglyga peýdasy**

Kamkatyň miwesi kiçijik bolsa-da, dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanylýar. Bu miwe A, C witamine we süýüme baý bolup, immuniteti güýçlendirmek bilen bir hatarda, işdäňi açýar, dümewe, sowuklama garşy göreşmäge kömek edýär.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# BIJELER 28-nji DEKABRDA ÇEKILER

**AFK Çempionlar Ligasynda toparçalardaky duşuşyklaryň ählisi tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublaryň hemmesi belli boldy. Gündogar zolakdaky «F», «G», «H», «I», «J» toparçalaryndaky 6-njy duşuşyklar geçirildi.**



**«F» toparçada** myhmançylykda «Çeonbuk Hýundai Motors» toparyndan 3–2 hasabynda asgyn gelen «Bangkok Ýunaýted» 13 utuk bilen 1-nji orny eýeledi. Koreý kluby «Çeonbuk H. Motors» 12 utuk toplap, ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy.

**«G» toparçadaky** toparlaryň 3-si 12 utuk toplap, şeýle ýagdaýa taryhda seýrek duş gelinýär. Ýaponiýanyň «Yokohama F. Marinos» topary Hytaýyň «Şandon Taişan» toparyny 3–0 hasabynda ýeňdi. Koreýleriň «Inçhon Ýunaýted» kluby-da ähli duşuşygynda utulan Filippinleriň «Kaýa-Iloilo» toparyny myhmançylykda 3–1 hasabynda utdy. Ýöne özara duşuşyklarda geçirilen gollaryň netijesinde ýapon hem-de hytaý kluby ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandy. Koreý kluby bolsa 3-nji ýeri eýeläp, bäsleşik bilen hoşlaşdy.

**«H» toparçada** myhmançylykda Tailandyň «Buriram Ýunaýted» toparyndan Hasegawa hem-de Utakanyň (2) gollary bilen 3-2 hasabynda üstün çykan ýapon kluby «Wentforet Kofu» 1/8 finala çykdy.

**«I» toparçada** mundan öňki 5 duşuşygynda ýeňiş gazanan «Kawasaki Frontal» (Ýaponiýa) topary myhmançylykda «Ulsan Hýundai» (G. Koreýa) bilen deňme-deň oýnady (2-2). Ozal 1/8 finala çykan «Kawasaki Frontal» toparyndan soň «Ulsan Hýundai» hem 10 utuk bilen 2-nji tapgyra adyny ýazdyrdy.

**«J» toparçada** koreý kluby «Phohan Stilersiň» 1/8 finala çykandygy ozal belli bolupdy. Mundan öňki 5 duşuşygynda ýeňiş gazanan «Phohan Stilers» soňky duşuşygynda Hytaýyň «Uhan Tri Tawns» topary bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnady.

Şunlukda, Gündogar zolagynda «Bangkok Ýunaýted» (Tailand), «Çeonbuk Hýundai Motors» (G. Koreýa), «Ýokohama F. Marinos» (Ýaponiýa), «Şandon Taişan» (Hytaý), «Wentforet Kofu» (Ýaponiýa), «Kawasaki Frontal» (Ýaponiýa), «Ulsan Hýundai» (G. Koreýa), «Phohan Stilers» (G. Koreýa) klublary 1/8 finala çykan 8 topar boldy. Başgaça aýdylanda, 3 ýapon, 3 koreý, 1 hytaý hem-de 1 tailand kluby ýaryşy dowam etdirer.

AFK Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri 28-nji dekabrda çekiler. Kuala-Lumpurda geçiriljek bije çekiliş dabarasynda çärýekdir ýarym finallaryň hem bijeleri belli bolar.

# KOPA AMERIKA 2024-iň TOPARÇALARY BELLI BOLDY

**Günorta Amerika yklymynyň çempionaty bolan Kopa Amerika bäsleşiginiň bijeleri çekildi. Geljek ýyl ABŞ-da geçiriljek 48-nji Kopa Amerika çempionatyna 2 yklymdan 16 ýygyndy gatnaşar.**

Maýamide geçirilen bije çekilişde soňky çempion Argentina «A» toparça düşdi. Tangoçylar Perunyň, Çiliniň ýygyndylary bilen bije çekişdi. Toparçadaky 4-nji topar Kanadanyň ýa-da Trinidad we Tobagonyň ýygyndysy bolar. Ol mart aýyndaky pleý-off duşuşygyndan soň kesgitlener.



«B» toparçany Meksikanyň, Ekwadoryň, Wenesuelanyň hem-de Ýamaýkanyň ýygyndylary düzdüler.

«C» toparçada ýer eýeleri ABŞ-nyň, Urugwaýyň, Panamanyň hem-de Boliwiýanyň ýygyndylary bäsleşerler.

«D» toparçada Braziliýanyň, Kolumbiýanyň, Paragwaýyň ýygyndylary bilen bir hatarda, Kosta Rikanyň ýa-da Gondurasyň ýygyndysy hem çykyş eder.

Çempionat geljek ýylyň 20-nji iýunyndan 14-nji iýuly aralygynda ABŞ-nyň 14 şäherinde geçiriler. Çempionatyň açylyş duşuşygy Argentina bilen pleý-offdan geljek (Kanada ýa-da Trinidad we Tobago) toparyň arasynda Atlanta şäherindäki «Mercedes-Benz» stadionynda bolar. Final duşuşygy 14-nji iýulda Maýami-Gardens şäherindäki «Hard Rock» stadionynda geçiriler.

**«A» toparça:** Argentina, Peru, Çili, Kanada/Trinidad we Tobago

**«B» toparça:** Meksika, Ekwador, Wenesuela, Ýamaýka

**«C» toparça:** ABŞ, Urugwaý, Panama, Boliwiýa

**«D» toparça:** Braziliýa, Kolumbiýa, Paragwaý, Kosta Rika/Gonduras



## Hepdäniň esasy duşuşyklary

**15-nji dekabr (anna)**

Jenoa – Ýuwentus (00:45)
Nottingam Forest – Tottenham (01:00)
Monako – Lion (01:00)

**16-njy dekabr (şenbe)**

Augsburg – Borussiýa D (19:30)
Man. Siti – Kristal Palas (20:00)
Çelsi – Şeffild Ýunaýted (20:00)
Atletik – Atletiko (20:15)
Leipsig – Hoffenhaým (22:30)
Napoli – Kaliari (00:45)
**Walensiýa – Barselona (01:00)**

**17-nji dekabr (ýekşenbe)**

Milan – Monza (16:30)
Arsenal – Braýton (19:00)
Brentford – Aston Willa (19:00)
Real Sosiedad – Betis (20:15)
**Liwerpul – Man. Ýunaýted (21:30)**
**Baýer – Aýntraht (21:30)**
Bolonýa – Roma (22:00)
**Bawariýa – Ştutgart (23:30)**
**Lasio – Inter (00:45)**
**Lill – PSŽ (00:45)**
**Real Madrid – Wilýarreal (01:00)**

**18-nji dekabr (duşenbe)**

Žirona – Alawes (01:00)

# «Palmeiras» toparynyň yzly-yzyna 2-nji ýeňşi

Braziliýanyň çempionaty «Serie A»-da çempion iň soňky, 38-nji tapgyrda belli boldy. Abel Ferreiranyň tälimçiligindäki topar myhmançylykda «Kruzeiro» bilen 1-1 deňme-deň oýnady. «Palmeirasdan» Endrigiň goluna ýer eýeleri Nikaonyň goly bilen jogap berdi. Bu deňlik San-Paulo şäheriniň wekiline bassyr 2-nji gezek çempionlyk üçin ýeterlik boldy. 38 oýunda 70 utuk toplan «Palmeiras» 2-nji ýerdäki «Gremiodan» 2 utuk öňe saýlandy. Bu olaryň bassyr 2-nji, umumylykda-da 12-nji çempionlygy hökmünde hasaba alnyp, «Palmeiras» Braziliýanyň çempionatynda iň köp çempionlyk gazanan topardyr. Bu ugurda 8 gezek çempion bolan «Santos» 2-nji, 7 sapar çempionlyk gazanan «Korintians» bilen «Flamengo» 3-nji orny paýlaşýarlar.



**111 ýyllyk klub ilkinji gezek 2-nji liga düşdi**

Braziliýanyň çempionatynda 2023-nji ýyl tamamlanyp, «Palmeiras» topary bassyr 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. 20 klubuň çykyş edýän çempionatynda 4 klub hem aşaky liga düşdi. Aşaky liga düşen klublaryň arasynda ýurduň iň meşhur toparlaryndan, futbolyň şasy, merhum Peläniň, şol sanda Robinio, Neýmar, Rodrigo ýaly dünýä belli ýyldyzlaryň çykyş eden kluby «Santos» hem bar.

Soňky tapgyrda öz meýdançasynda «Fortaleza» toparyndan 2–1 (Mariňýo 39, Huan Martin Luçero 90+7 — Messias 58) asgyn gelen «Santosyň» ligada galmaga utugy ýetmedi.

Şäheriň adybir kluby 111 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek aşaky liga düşdi. «Santos» topary Braziliýanyň çempionatynda «Sao Paulo» hem-de «Flamengo» klublary bilen bir hatarda, aşaky liga düşmedik 3 toparyň biridi.

«Santosdan» başga-da, «Goias», «Koritiba» hem-de «Amerika Mineiro» klublary 2-nji liga düşdi. Olaryň ornuna «Witoria», «Ýuwentude», «Krisiuma» hem-de «Atletiko Goiýaniýense» klublary ýokary liga çykdy.




# Finalda geçen ýylyň çempionyndan üstün çykdy

**Amerikanyň futbol çempionaty MLS-de 2023-nji ýylyň çempiony belli boldy. Pleý-off oýunlaryndan soň finalda duşuşan «Kolambus Krýu» bilen «Los Anjeles FK» klublary özara güýç synanyşdy. Çekeleşikli geçen duşuşykda «Kolambus Krýu» topary Kuço Hernandesiň (33 p) hem-de Ýo Ýeboanyň (37) gollary bilen 2-1 hasabynda ýeňiş gazandy. Geçen ýylyň çempiony «Los Anjeles FK» klubunyň ýeke-täk pökgüsini-de 74-nji minutda Denis Bouanga derwezä girizdi. Şeýlelikde, «Kolambus Krýu» topary 2008-nji we 2020-nji ýyllardan soň 3-nji gezek çempion bolup, kolambuslylar bu ugurda 5 çempionlygy bolan «Los Anjeles Galaksi» hem-de 4 sapar çempionlyk gazanan «DiSi Ýunaýted» toparlary bilen öňdäki 3-lige girýär.**

# TÄZE ÝARYŞYŇ ILKINJI ÝEŇIJISI

**NBA-da ilkinji gezek geçirilen «möwsümiçi» (in-season) ýaryşynda «Los Anjeles Leýkers» topary çempion boldy. Las Wegasda geçirilen final duşuşygynda «Los Anjeles Leýkers» topary «Indiana Peýsers» toparyndan 123:109 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Antoni Dewis 41 utuk 20 ribaund görkezijiler bilen çykyş edip, esasan hem, 4-nji çärýekde toparynyň ýeňşine uly goşant goşdy.**

**Super ýyldyz LeBron Jeýms duşuşygy 24 utuk, 11 ribaund bilen tamamlady. 38 ýaşyndaky oýunçy ýaryşyň iň gymmatly oýunçysy diýlip saýlandy. Şeýle-de, duşuşykda «Los Anjeles Leýkersden» Ostin Riwes 28 utuk, D'Anjelo Rassell 13 utuk, «Indiana Peýsersden» bolsa Taýris Halibörton 20 utuk, Benedikt Maturin 20, Aaron Nesmit 15, Obi Toppin 13 utuk geçirdi.**

**Ilkinji ýaryşyň çempiony «Los Anjeles Leýkers» toparynyň oýunçylarynyň hersine 500 müň dollar pul baýragy sowgat berildi. Kümüş medaly eýelän basketbolçylara bolsa 200 müň dollarlyk pul baýragy gowşuryldy.**



# Angliýada «Liwerpul», Ispaniýada «Žirona» 1-nji orna geçdi



Angliýanyň çempionatynda «Aston Willa» topary «Mançester Sitiden» soň «Arsenaly» hem 1–0 hasabynda utdy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 7-nji minutda MakGin derwezä girizdi. «Liwerpul» bolsa myhmançylykda «Kristal Palas» toparyny Salah hem-de Elliotyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi.

Bu duşuşykdan soň «Liwerpul» 1-nji orna beýgeldi. Duşuşykda hasaby deňlän goly geçiren Mohamed Salah «Premier Ligadaky» 150-nji, «Liwerpuldaky» 200-nji goluny öz adyna ýazdyrdy. Myhmançylykda «Luton Tawn» toparyny Bernardo Silwa hem-de Jek Grilişiň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Mançester Siti» çempionatda 4 oýundan soň ilkinji ýeňşini gazandy. 10-njy tapgyrdan soň ýeňşi ýatdan çykaran «Tottenham» topary öz meýdançasynda «Nýukasly» 4–1 hasabynda utdy. 5 oýundan soň ýeňiş gazanan «Tottenhamyň» gollaryny Udoji, Rişarlison (2) hem-de Son tora girizdi. «Mançester Ýunaýted» bolsa «Premier Liganyň» taryhynda ilkinji gezek «Old Trafford» stadionynda «Bornmutdan» ýeňildi. 3-0 hasabynda ýeňiş gazanan «Bornmutyň» gollaryny Solanke, Billing hem-de Senesi geçirdi. Geçen tapgyrda «Tottenhamy» myhmançylykda ýeňen «West Ham» başga bir London derbisinde «Fulhamdan» 5–0 hasabynda utuldy. Maliýe düzgünlerini bozandygy üçin 10 utugy aýrylan «Ewerton» öz meýdançasynda «Çelsini» 2-0 ýeňip, soňky 7 duşuşykda 5-nji gezek ýeňiş gazanmagy başardy.



**«BARSELONANY» ILKINJI GEZEK ÝEŇDI**

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» sanawyň lideri üýtgedi. Kataluniýa derbisinde soňky çempion «Barselonany» myhmançylykda 4-2 hasabynda ýeňen «Žirona» topary 1-nji orna geçdi. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar 12-nji minutda Dowbygyň goly bilen 1-0 öňe saýlandy. 19-njy minutda Lewandowski hasaby deňlese-de, «Žirona» topary 1-nji ýarym tamamlanmanka Migel Gutierresiň goly bilen ýene öňe geçmegi başardy. 80-nji minutda Waleri Fernandes aratapawudy 2 gola çykardy. 90+2-nji minutdaky Gündoganyň goly bilen hasaby deňlemäge ymtylan «Barselonanyň» bar umydyny weteran hüjümçi Stuani 90+5-nji minutda puja çykardy. Şunlukda, «Žirona» topary «Barselonany» taryhynda ilkinji gezek ýeňlişe sezewar etdi.



«Real Madrid» myhmançylykda «Betis» bilen deňme-deň oýnady (1-1). «Realdan» Bellingamyň goluna ýer eýeleri Ruibalyň goly bilen jogap berdi. «Atletiko» topary-da mundan öňki 15 duşuşykda ýeňiş gazanyp görmedik «Almeriýany» Morata hem-de Korreanyň gollary bilen 2-1 hasabynda utdy.

### PREMIER LEAGUE (16) – 27 gol

**K. Palas—Liwerpul: 1–2** (Mateta 57 p — Salah 76, Elliott 90+1), **Braýton—Börnli: 1–1** (Adingra 77 — Odober 45), **W. Hempton—Nottingam: 1–1** (M. Kunýa 32 — Toffolo 14), **M. Ýunaýted—Bornmut: 0–3** (Solanke 5, Billing 69, Senesi 73), **Şeffild Ýun—Brentford: 1–0** (MakAti 45+1), **A. Willa—Arsenal: 1–0** (MakGinn 7), **Luton—Man. Siti: 1–2** (Adebaýo 45+2 — B. Silwa 62, Griliş 65), **Fulham—West Ham: 5–0** (Himenes 22, Willian 31, Adarabioýo 40, Wilson 60, Winisius 89), **Ewerton—Çelsi: 2–0** (Dukure 54, Dobbin 90+2), **Tottenham—Nýukasl: 4–1** (Udoji 26, Rişarlison 38, 60, Son 85 p — Žoelinton 90+2)

### LA LIGA (16) — 21 gol

**Hetafe—Walensiýa: 1–0** (Maýoral 87), **Alawes—Las Palmas: 0–1** (Rodriges 31), **Betis—Real Madrid: 1–1** (Ruibal 66 — Bellingam 53), **Wilýarreal—R. Sosiedad: 0–3** (Merino 38, Subimendi 41, Kubo 45+4), **Malýorka—Sewilýa: 1–0** (Larin 11), **Atletiko—Almeriýa: 2–1** (Morata 17, Korrea 22 — Baptistao 62), **Kadiz—Osasuna: 1–1** (Roher Marti 19 — Budimir 70 p), **Barselona—Žirona: 2–4** (Lewandowski 19, Gündogan 90+2 — Dowbyk 12, Gutierres 40, Fernandes 80, Stuani 90+5), **Granada—Atletik: 1–1** (De Galarreta 55 ö.d. — Iniaki Williams 6), **Raýo Wallekano—Selta: 0–0**

### SERIE A (15) — 23 gol

**Ýuwentus—Napoli: 1–0** (Gatti 51), **Werona—Lasio: 1–1** (Anri 70 — Zakkani 23), **Atalanta—Milan: 3–2** (Lukmen 38, 55, Muriel 90+5 — Žiru 45+3, Ýowiç 80), **Inter—Udineze: 4–0** (Çalhanoglu 37 p, Dimarko 42, Turam 44, Martines 84), **Frozinone—Torino: 0–0**, **Monza—Jenoa: 1–0** (Mota 83), **Salernitana—Bolonýa: 1–2** (Simi 75 — Zirkzee 9, 20), **Roma—Fiorentina: 1–1** (Lukaku 5 — Martines Kuarta 66), **Empoli—Leççe: 1–1** (Rafiýa 71 ö.d. — Banda 64), **Kaliari—Sassuolo: 2–1** (Lapadula 90+3, Pawoletti 90+8 — Erliç 7)

### BUNDESLIGA (14) — 29 gol

**Hoffenhaým—Bohum: 3–1** (Maşowiç 32 ö.d., Kramariç 43, Bebu 76 — Pasiensiýa 90), **Aýntraht—Bawariýa: 5–1** (Marmuş 12, Ebimbe 31, 50, Larsson 36, Knauff 60 — Kimmih 44), **Werder—Augsburg: 2–0** (Ştark 39, Dukş 65), **Wolfsburg—Fraýburg: 0–1** (Gregoriç 74), **Union Berlin—Borussiýa M: 3–1** (Wolland 24 p, Hollebarh 50, Kaufmann 75 — Plea 77), **Haýdenhaým—Darmştadt: 3–2** (Şöpner 42, Mainka 69, 71 — Skarke 52, Melowni 60 ö.d.), **Borussiýa D—Leipsig: 2–3** (Süle 45+6, Füllkrug 90+3 — Bensebaini 32 ö.d., Baumgartner 54, Poulsen 90+1), **Ştutgart—Baýer: 1–1** (Fürih 40 — Wirts 47), **Köln—Maýns: 0–0**

### LIGUE 1 (15) — 22 gol

**Monpelie—Lans: 0–0, Renn—Monako: 1–2** (Buržo 89 p — Wanderson 51, Fofana 85), **PSŽ—Nant: 2–1** (Barkola 41, Kolo Muani 82 — Mohamed 55), **Nissa—Reýms: 2–1** (Labord 55, Boga 82 — Abdelhamid 78), **Klermon—Lill: 0–0, Mets—Brest: 0–1** (Le Duaron 75), **Strasbur—Le Hawr: 2–1** (Emegha 21, Silla 90+7 — Salmie 49), **Lion—Tuluza: 3–0** (Lakazett 25, 29, 80), **Loriýan—Marsel: 2–4** (Fewr 41, Mendi 52 — Mbemba 3, Obameýang 9, 42, Balerdi 33)

### PREMÝER LIGA (18) — 12 gol

**Lokomotiw—Ural: 2–0** (Morozow 18, Tikinizýan 90+3), **Spartak Moskwa—Krylýa Sowetow: 3–0** (Promes 2, Sobolew 8, Martines 50), **Ahmat—Rostow: 0–0, Zenit—Pari NN: 1–0** (Kassierra 15), **Fakel—Dinamo Moskwa: 1–1** (Maksimow 79 p — Gladyşew 29), **Soçi—Orenburg: 1–1** (Ignatew 42 — Hotulew 90+4), **Krasnodar—SSKA Moskwa: 1–0** (Kriwsow 90), **Baltika—Rubin: 0–1** (Daku 7)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 16 | 11 | 4 | 1 | 36-15 | 37 |
| 2 | ARSENAL | 16 | 11 | 3 | 2 | 33-15 | 36 |
| 3 | ASTON WILLA | 16 | 11 | 2 | 3 | 35-20 | 35 |
| 4 | MAN. SITI | 16 | 10 | 3 | 3 | 38-18 | 33 |
| 5 | TOTTENHAM | 16 | 9 | 3 | 4 | 33-23 | 30 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 16 | 9 | 0 | 7 | 18-21 | 27 |
| 7 | NÝUKASL | 16 | 8 | 2 | 6 | 33-21 | 26 |
| 8 | BRAÝTON | 16 | 7 | 5 | 4 | 33-28 | 26 |
| 9 | WEST HAM | 16 | 7 | 3 | 6 | 26-30 | 24 |
| 10 | FULHAM | 16 | 6 | 3 | 7 | 26-26 | 21 |
| 11 | BRENTFORD | 16 | 5 | 4 | 7 | 23-22 | 19 |
| 12 | ÇELSI | 16 | 5 | 4 | 7 | 26-26 | 19 |
| 13 | W. HEMPTON | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-26 | 19 |
| 14 | BORNMUT | 16 | 5 | 4 | 7 | 21-30 | 19 |
| 15 | K. PALAS | 16 | 4 | 4 | 8 | 15-23 | 16 |
| 16 | NOTTINGAM | 16 | 3 | 5 | 8 | 17-28 | 14 |
| 17 | EWERTON | 16 | 7 | 2 | 7 | 20-20 | 13 |
| 18 | LUTON TAWN | 16 | 2 | 3 | 11 | 17-32 | 9 |
| 19 | BÖRNLI | 16 | 2 | 2 | 12 | 16-34 | 8 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 16 | 2 | 2 | 12 | 12-41 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 11 |
| 3 | Hyn Min SON (Tottenham) | 10 |
| 4 | Jarred BOWEN (West Ham) | 9 |
| 5 | Hi Çan HWAN (Wulwerhempton) | 8 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 16 | 13 | 2 | 1 | 38-20 | 41 |
| 2 | REAL MADRID | 16 | 12 | 3 | 1 | 34-10 | 39 |
| 3 | BARSELONA | 16 | 10 | 4 | 2 | 30-18 | 34 |
| 4 | ATLETIKO M | 15 | 11 | 1 | 3 | 32-14 | 34 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 16 | 8 | 5 | 3 | 29-18 | 29 |
| 6 | ATLETIK B | 16 | 8 | 5 | 3 | 31-19 | 29 |
| 7 | BETIS | 16 | 6 | 8 | 2 | 19-17 | 26 |
| 8 | LAS PALMAS | 16 | 7 | 3 | 6 | 14-13 | 24 |
| 9 | HETAFE | 16 | 5 | 7 | 4 | 18-20 | 22 |
| 10 | R. WALLEKANO | 16 | 4 | 8 | 4 | 16-22 | 20 |
| 11 | WALENSIÝA | 16 | 5 | 4 | 7 | 17-21 | 19 |
| 12 | ALAWES | 16 | 4 | 4 | 8 | 14-20 | 16 |
| 13 | WILÝARREAL | 16 | 4 | 4 | 8 | 22-29 | 16 |
| 14 | OSASUNA | 16 | 4 | 4 | 8 | 18-26 | 16 |
| 15 | MALÝORKA | 16 | 2 | 8 | 6 | 14-20 | 14 |
| 16 | SEWILÝA | 15 | 2 | 7 | 6 | 20-21 | 13 |
| 17 | KADIZ | 16 | 2 | 7 | 7 | 13-23 | 13 |
| 18 | SELTA | 16 | 1 | 7 | 8 | 15-25 | 10 |
| 19 | GRANADA | 16 | 1 | 5 | 10 | 20-36 | 8 |
| 20 | ALMERIÝA | 16 | 0 | 4 | 12 | 17-39 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 12 |
| 2 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 9 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 9 |
| 4 | Artem DOWBYK (Žirona) | 8 |
| 5 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 8 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 15 | 12 | 2 | 1 | 37-7 | 38 |
| 2 | ÝUWENTUS | 15 | 11 | 3 | 1 | 23-9 | 36 |
| 3 | MILAN | 15 | 9 | 2 | 4 | 26-18 | 29 |
| 4 | ROMA | 15 | 7 | 4 | 4 | 28-17 | 25 |
| 5 | BOLONÝA | 15 | 6 | 7 | 2 | 18-12 | 25 |
| 6 | FIORENTINA | 15 | 7 | 3 | 5 | 24-18 | 24 |
| 7 | NAPOLI | 15 | 7 | 3 | 5 | 26-18 | 24 |
| 8 | ATALANTA | 15 | 7 | 2 | 6 | 24-18 | 23 |
| 9 | MONZA | 15 | 5 | 6 | 4 | 16-14 | 21 |
| 10 | LASIO | 15 | 6 | 3 | 6 | 16-16 | 21 |
| 11 | TORINO | 15 | 5 | 5 | 5 | 13-16 | 20 |
| 12 | FROZINONE | 15 | 5 | 4 | 6 | 20-24 | 19 |
| 13 | LEÇÇE | 15 | 3 | 8 | 4 | 17-20 | 17 |
| 14 | JENOA | 15 | 4 | 3 | 8 | 15-20 | 15 |
| 15 | SASSUOLO | 15 | 4 | 3 | 8 | 22-28 | 15 |
| 16 | KALIARI | 15 | 3 | 4 | 8 | 15-27 | 13 |
| 17 | UDINEZE | 15 | 1 | 9 | 5 | 12-25 | 12 |
| 18 | EMPOLI | 15 | 3 | 3 | 9 | 10-27 | 12 |
| 19 | WERONA | 15 | 2 | 5 | 8 | 13-22 | 11 |
| 20 | SALERNITANA | 15 | 1 | 5 | 9 | 11-30 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautaro MARTINES (Inter) | 14 |
| 2 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 8 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 7 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 7 |
| 5 | Joşua ZIRKZEE (Bolonýa) | 7 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 14 | 11 | 3 | 0 | 39-12 | 36 |
| 2 | BAWARIÝA | 13 | 10 | 2 | 1 | 44-14 | 32 |
| 3 | ŞTUTGART | 14 | 10 | 1 | 3 | 34-16 | 31 |
| 4 | LEIPSIG | 14 | 9 | 2 | 3 | 34-15 | 29 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 14 | 7 | 4 | 3 | 28-23 | 25 |
| 6 | HOFFENHAÝM | 14 | 7 | 2 | 5 | 28-24 | 23 |
| 7 | AÝNTRAHT | 14 | 5 | 6 | 3 | 24-16 | 21 |
| 8 | FRAÝBURG | 14 | 6 | 3 | 5 | 17-23 | 21 |
| 9 | AUGSBURG | 14 | 4 | 5 | 5 | 23-27 | 17 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 14 | 4 | 4 | 6 | 28-31 | 16 |
| 11 | WOLFSBURG | 14 | 5 | 1 | 8 | 18-25 | 16 |
| 12 | WERDER | 14 | 4 | 2 | 8 | 20-27 | 14 |
| 13 | HAÝDENHAÝM | 14 | 4 | 2 | 8 | 21-30 | 14 |
| 14 | BOHUM | 14 | 2 | 7 | 5 | 15-29 | 13 |
| 15 | UNION BERLIN | 13 | 3 | 1 | 9 | 15-28 | 10 |
| 16 | KÖLN | 14 | 2 | 4 | 8 | 12--24 | 10 |
| 17 | MAÝNS | 14 | 1 | 6 | 7 | 12--26 | 9 |
| 18 | DARMŞTADT | 14 | 2 | 3 | 9 | 17-37 | 9 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 18 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 16 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 10 |
| 4 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 9 |
| 5 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 8 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 15 | 11 | 3 | 1 | 38-12 | 36 |
| 2 | NISSA | 15 | 9 | 5 | 1 | 16-6 | 32 |
| 3 | MONAKO | 15 | 9 | 3 | 3 | 31-20 | 30 |
| 4 | LILL | 15 | 7 | 6 | 2 | 19-11 | 27 |
| 5 | BREST | 15 | 7 | 4 | 4 | 19-15 | 25 |
| 6 | MARSEL | 15 | 6 | 5 | 4 | 22-16 | 23 |
| 7 | LANS | 15 | 6 | 5 | 4 | 19-15 | 23 |
| 8 | REÝMS | 15 | 7 | 2 | 6 | 21-21 | 23 |
| 9 | NANT | 15 | 5 | 3 | 7 | 19-25 | 18 |
| 10 | STRASBUR | 15 | 4 | 5 | 6 | 14-20 | 17 |
| 11 | LE HAWR | 15 | 3 | 7 | 5 | 13-17 | 16 |
| 12 | METS | 15 | 4 | 4 | 7 | 15-23 | 16 |
| 13 | RENN | 15 | 3 | 6 | 6 | 20-21 | 15 |
| 14 | MONPELIE | 15 | 3 | 6 | 6 | 17-20 | 14 |
| 15 | TULUZA | 15 | 2 | 7 | 6 | 14-21 | 13 |
| 16 | LORIÝAN | 15 | 2 | 6 | 7 | 20-29 | 12 |
| 17 | KLERMON | 15 | 2 | 5 | 8 | 9-21 | 11 |
| 18 | LION | 15 | 2 | 4 | 9 | 14-27 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 15 |
| 2 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 3 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 6 |
| 4 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 6 |
| 5 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 6 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 18 | 11 | 5 | 2 | 28-14 | 38 |
| 2 | ZENIT | 18 | 11 | 3 | 4 | 35-17 | 36 |
| 3 | DINAMO | 18 | 8 | 8 | 2 | 29-22 | 32 |
| 4 | LOKOMOTIW | 18 | 8 | 7 | 3 | 29-23 | 31 |
| 5 | SPARTAK | 18 | 9 | 3 | 6 | 27-24 | 30 |
| 6 | K.SOWETOW | 18 | 8 | 5 | 5 | 36-27 | 29 |
| 7 | RUBIN | 18 | 8 | 4 | 6 | 17-21 | 28 |
| 8 | SSKA | 18 | 7 | 7 | 4 | 31-24 | 28 |
| 9 | PARI NN | 18 | 7 | 3 | 8 | 15-16 | 24 |
| 10 | ROSTOW | 18 | 5 | 6 | 7 | 24-29 | 21 |
| 11 | FAKEL | 18 | 5 | 6 | 7 | 15-19 | 21 |
| 12 | URAL | 18 | 5 | 4 | 9 | 18-28 | 19 |
| 13 | AHMAT | 18 | 4 | 5 | 9 | 18-23 | 17 |
| 14 | ORENBURG | 18 | 3 | 6 | 9 | 19-28 | 15 |
| 15 | BALTIKA | 18 | 3 | 4 | 11 | 12-24 | 13 |
| 16 | SOÇI | 18 | 3 | 2 | 13 | 17-31 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 15 |
| 2 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 8 |
| 3 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 8 |
| 4 | Benhamin GARRE (Krylýa Sowetow) | 8 |
| 5 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 8 |

# «Bawariýanyň» ilkinji ýeňlişi

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Baýer» myhmançylykda «Ştutgart» bilen deňme-deň oýnap (1–1), bassyr 2-nji duşuşygynda utuk ýitirdi. Tapgyryň iň geň galdyran netijesi Frankfurtda hasaba alnyp, «Bawariýa» myhmançylykda «Aýntrahtdan» 5–1 hasabynda asgyn geldi. Ýer eýelerine taryhy ýeňiş gazandyran gollary Marmuş, Ebimbe (2), Larsson hem-de Knauff geçirdi. «Bawariýa» çempionatda şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. 15-nji minutda Matts Hummelsiň gyzyl kart almagyndan soň meýdançada 1 oýunçy kem galan «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Leipsigden» 3–2 hasabynda utuldy. «Borussiýa M» toparyny Wolland, Hollebarh hem-de Kaufmannyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňen «Union Berlin» çempionatda 10 oýundan soň 3-nji ýeňşini gazandy.



**Italiýanyň çempionatynda** «Intere» «Udinezeni» ýeňmek kyn düşmedi. 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Interiň» gollaryny Çalhanoglu (p), Dimarko, Turam hem-de Martines geçirdi. Öz meýdançasynda soňky çempion «Napolini» kabul eden «Ýuwentus» ýaş goragçysy Gattiniň ýeke-täk goly bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Myhmançylykda «Atalanta» bilen duşuşan «Milan» ýer eýelerinden Ademolu Lukmeniň gollaryna her saparynda ilki Žiru, soňra Ýowiçiň takyk urgulary bilen jogap berse-de, 90+5-nji minutda Luis Murieliň geçiren golundan soň 3–2 hasabynda utuldy. «Kaliari» topary-da öz meýdançasynda «Sassuolo» bilen duşuşyp, 7-nji minutda öňe geçen garşydaşyny 90+3-nji we 90+8-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ öz meýdançasynda «Nantdan» Barkola we Kolo Muaniniň gollary bilen 2-1 hasabynda üstün çykdy. «Monako» kluby hem şol hasap bilen myhmançylykda «Renn» toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Aleksander Lakazettiň het-trik eden oýnunda «Lion» öz meýdançasynda «Tuluza» toparyny 3–0 hasabynda ýeňip, möwsümdäki 2-nji ýeňşini gazandy. Jennaro Gattuzonyň tälimçiliginde öňdäki orunlara ymtylýan «Marsel» myhmançylykda Obameýangyň 2 gol geçiren oýnunda «Loriýan» toparyny 4–2 hasabynda utdy.

**Russiýanyň çempionatynda** 1-nji aýlaw tamamlanyp, toparlar gyşky arakesmä çykdylar. 18-nji tapgyryň merkezi oýnunda sanawyň lideri «Krasnodar» öz meýdançasynda SSKA-ny Kriwsowyň 90-njy minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, ornuny saklamagy başardy. «Zenit» hem şol hasap bilen «Pari NN» toparyndan üstün çykdy. Çempionatyň 2-nji aýlawy mart aýynyň ilkinji günlerinde başlar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Toparçalardaky duşuşyklar tamamlandy

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky duşuşyklar tamamlanyp, 1/8 finala çykan klublaryň ählisi hem belli boldy. Ispaniýadan 4, Italiýadyr Germaniýadan 3, Angliýadan 2, Portugaliýadan, Daniýadan, Fransiýadan hem-de Niderlandlardan 1 klub 1/8 finala çykdy. UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň bijeleri 18-nji dekabrda, duşenbe güni çekiler.**






«A» toparçadaky iň soňky duşuşyklaryň 2-si hem 1–0 hasabynda tamamlandy. 4-nji oýunlardan soň 1/8 finala çykan «Bawariýa» myhmançylykda «Mançester Ýunaýtedi» Kingsli Komanyň 70-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Bawariýa» toparynyň toparçalardaky ýeňilmezlik seriýasy 40 duşuşyga çykdy (36 ýeňiş, 4 deňlik). 4-nji orny eýelän «Mançester Ýunaýted» 15 gol geçirden ilkinji iňlis kluby boldy. «Ýunaýted» 6-njy gezek toparçadan çykyp bilmedi.

«Kopengagen» topary-da öz meýdançasynda «Galatasaraýy» Lerageriň 58-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňip, 12 ýyldan soň 2-nji gezek 1/8 finala çykdy. Türk kluby «Galatasaraý» bolsa ýoluny Ýewropa Ligasynda dowam etdirer.

«B» toparçada PSW bilen deňme-deň oýnan «Arsenal» 1-nji ýeri eýeledi. PSW topary-da 2-nji orna mynasyp boldy. «Lans» bilen «Sewilýanyň» arasyndaky duşuşyk haýsy toparyň ýaryşdan çykjakdygyny kesgitläp, ýer eýeleri 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Lans» Ýewropa Ligasyna gatnaşsa, «Sewilýa» üçin UEFA-nyň ýaryşlary tamamlandy. Duşuşykda «Sewilýanyň» ýeke-täk goluny geçiren Serhio Ramos bu ýaryşda iň köp gol geçiren goragçy boldy (17 gol).

«C» toparçada Hoselu (2) hem-de Seballosyň gollary bilen myhmançylykda «Union Berlini» 3–2 hasabynda ýeňen «Real Madrid» 2011/12 hem-de 2014/15 möwsümlerinden soň 3-nji gezek ähli duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. «Real Madrid» topary «Bawariýadan» soň 3-nji gezek muny başaran 2-nji klub boldy.

«Napoli» hem öz meýdançasynda «Bragany» 2–0 ýeňip, bassyr 2-nji, umumylykda 5-nji gezek 1/8 finala çykdy.

«D» toparçada «Inter» bilen «Real Sosiedadyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. «Benfika» bolsa Di Mariýa, Rafa Silwa hem-de Kabralyň gollary esasynda myhmançylykda «RB Salsburgy» 3–1 hasabynda ýeňip, Ýewropa Ligasynyň pleý-off tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy.

«E» toparçada «Lasiony» Grizmann we Linonyň gollary bilen 2–0 hasabynda utan «Atletiko» 1-nji orny eýeledi. «Feýenoordy» 2–1 hasabynda ýeňen «Seltik» 15 oýundan soň Çempionlar Ligasynda ilkinji ýeňşini gazandy.

«F» toparçada «Milan» myhmançylykda «Nýukasly» garşydaşynyň 1–0 öňe geçendigine garamazdan, Pulişiç we Çukwuezeniň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Ýöne bu ýeňiş «Milan» toparyna PSŽ-niň myhmançylykda «Borussiýa Dortmund» bilen deňme-deň oýnamagyndan soň 1/8 finala çykmagy üçin ýeterlik bolmady. «Borussiýa Dortmunddan» soň PSŽ 1/8 finala çykan 2-nji klub bolup, «Milan» Ýewropa Ligasyna goşular.

«G» toparçada «Mançester Siti» esasy düzümde ýaş oýunçylary bilen meýdança çykan oýnunda myhmançylykda «Srwena Zwezdany» 3–2 hasabynda ýeňip, 6-njy duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. «Mançester Siti» topary «Liwerpuldan» soň toparçadaky 6 duşuşykda-da ýeňiş gazanan 2-nji iňlis, umumylykda-da 8-nji klub boldy. Çempionlar Ligasynda toparçalarda 13-nji gezek 6 duşuşykda-da ýeňiş gazanyldy.

«H» toparçada «Antwerpen» topary öz meýdançasynda «Barselonany» Ilenikenanyň 90+6-njy minutda geçiren goly bilen 3–2 hasabynda ýeňip, Çempionlar Ligasyndaky ilkinji ýeňşini baýram etdi. «Barselona» 34 ýyldan soň ilkinji gezek Belgiýanyň bir klublaryndan utuldy.

Toparçadaky 2-nji ýeri eýelejek topary kesgitleýän oýunda-da 8 gol hasaba alnyp, «Porto» öz meýdançasynda «Şahtýor Donesk» toparyndan 5–3 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Galeno «Şahtýoryň» derwezesinden bu oýunda-da 2 gol geçirdi. Netijede, «Porto» topary 18-nji gezek toparçadan çykmagy başardy.





**Toparçada 1-nji ýeri eýelänler:**
«Bawariýa», «Arsenal», «Real Madrid», «Real Sosiedad», «Atletiko Madrid», «Borussiýa Dortmund», «Mançester Siti», «Barselona»
**Toparçada 2-nji ýeri eýelänler:**
«Kopengagen», PSW, «Napoli», «Inter», «Lasio», PSŽ, «Leipsig», «Porto»
**Toparçada 3-nji ýeri eýelänler (Ýewropa Ligasyna gidýänler):**
«Galatasaraý», «Lans», «Braga», «Benfika», «Feýenoord», «Milan», «Ýang Boýz», «Şahtýor Donesk»

**Toparçalardaky 6-njy duşuşyklaryň netijeleri:**

**MAN. ÝUNAÝTED — BAWARIÝA: 0–1** /Koman 70/
**KOPENGAGEN — GALATASARAÝ: 1–0** /Lerager 58/
**PSW — ARSENAL: 1–1** /Wertessen 50 – Nketiah 42/
**LANS — SEWILÝA: 2–1** /Frankowski 63 p, Fuljini 90+6 – Ramos 79 p/
**NAPOLI — BRAGA: 2–0** /Saatçy 9 ö.d., Osimhen 33/
**UNION BERLIN — REAL MADRID: 2–4**
/Wolland 45+1, Kral 85 – Hoselu 61, 72, Seballos 89/
**INTER — REAL SOSIEDAD: 0–0**
**RB SALSBURG — BENFIKA: 1–3**
/Suçiç 57 — Di Mariýa 32, Rafa Silwa 45+1, Kabral 90+2/
**ATLETIKO — LASIO: 2–0** /Grizmann 6, Lino 51/
**SELTIK — FEÝENOORD: 2–1** /Palma 33 p, Lagerbielke 90+1 – Minteh 82/
**BORUSSIÝA DORTMUND — PSŽ: 1–1** /Adeýemi 51 — Zair-Emeri 56/
**NÝUKASL — MILAN: 1–2** /Žoelinton 33 — Pulişiç 59, Çukwueze 84/
**LEIPSIG — ÝANG BOÝZ: 2–1** /Şeşko 51, Forsberg 56 – Kolleý 53/
**SRWENA ZWEZDA — MANÇESTER SITI: 2–3**
/Hwan In-Beom 76, Katai 90+1 – Hamilton 19, Bobb 62, Fillips 85 p/
**ANTWERPEN — BARSELONA: 3–2**
/Wermeeren 2, Ýanssen 56, Ilenikena 90+2 — F. Torres 53, Giu 90+1/
**PORTO — ŞAHTÝOR DONESK: 5–3** /Galeno 9, 43, Taremi 62, Pepe 75, Konseisao 82 — Sykan 29, Euştakio 72 ö.d., Eginaldo 88/

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 6 | 5 | 1 | 0 | 12-6 | 16 |
| 2 | KOPENGAGEN | 6 | 2 | 2 | 2 | 8-8 | 8 |
| 3 | GALATASARAÝ | 6 | 1 | 2 | 3 | 10-13 | 5 |
| 4 | MAN. ÝUNAÝTED | 6 | 1 | 1 | 4 | 12-15 | 4 |

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATLETIKO MADRID | 6 | 4 | 2 | 0 | 17-6 | 14 |
| 2 | LASIO | 6 | 3 | 1 | 2 | 7-7 | 10 |
| 3 | FEÝENOORD | 6 | 2 | 0 | 4 | 9-10 | 6 |
| 4 | SELTIK | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-15 | 1 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 6 | 4 | 1 | 1 | 16-4 | 13 |
| 2 | PSW | 6 | 2 | 3 | 1 | 8-10 | 9 |
| 3 | LANS | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-11 | 8 |
| 4 | SEWILÝA | 6 | 0 | 2 | 4 | 7-12 | 2 |

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BORUSSIÝA DORT. | 6 | 3 | 2 | 1 | 7-4 | 11 |
| 2 | PARI SEN-ŽERMEN | 6 | 2 | 2 | 2 | 9-8 | 8 |
| 3 | MILAN | 6 | 2 | 2 | 2 | 5-8 | 8 |
| 4 | NÝUKASL | 6 | 1 | 2 | 3 | 6-7 | 5 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 6 | 6 | 0 | 0 | 16-7 | 18 |
| 2 | NAPOLI | 6 | 3 | 1 | 2 | 10-9 | 10 |
| 3 | BRAGA | 6 | 1 | 1 | 4 | 6-12 | 4 |
| 4 | UNION BERLIN | 6 | 0 | 2 | 4 | 6-10 | 2 |

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MANÇESTER SITI | 6 | 6 | 0 | 0 | 18-7 | 18 |
| 2 | LEIPSIG | 6 | 4 | 0 | 2 | 13-10 | 12 |
| 3 | ÝANG BOÝZ | 6 | 1 | 1 | 4 | 7-13 | 4 |
| 4 | SRWENA ZWEZDA | 6 | 0 | 1 | 5 | 7-15 | 1 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL SOSIEDAD | 6 | 3 | 3 | 0 | 7-2 | 12 |
| 2 | INTER | 6 | 3 | 3 | 0 | 8-5 | 12 |
| 3 | BENFIKA | 6 | 1 | 1 | 4 | 7-11 | 4 |
| 4 | RB SALSBURG | 6 | 1 | 1 | 4 | 4-8 | 4 |

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 6 | 4 | 0 | 2 | 12-6 | 12 |
| 2 | PORTO | 6 | 4 | 0 | 2 | 15-8 | 12 |
| 3 | ŞAHTÝOR DONESK | 6 | 3 | 0 | 3 | 10-12 | 9 |
| 4 | ANTWERPEN | 6 | 1 | 0 | 5 | 6-17 | 3 |

UÇL-de 2023/24 möwsüminde **iň köp gol geçiren futbolçylar:**

| | |
|---|---|
| Erling Holann (Mançester Siti) | 5 |
| Alwaro Morata (Atletiko Madrid) | 5 |
| Antuan Grizmann (Atletiko Madrid) | 5 |
| Rasmus Hýoýlunn (Man. Ýunaýted) | 5 |
| Ewanilson (Porto) | 4 |
| Harri Keýn (Bawariýa) | 4 |
| Ýulian Alwares (Mançester Siti) | 4 |
| Galeno (Porto) | 4 |
| Jud Bellingam (Real Madrid) | 4 |







# TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky karz almak üçin «Onlaýn-ýüzlenme» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Karzlar barada maglumaty müşderi banka barmazdan, öýünde ýa-da iş ýerinde özi üçin amatly bolan karzyň görnüşini bankyň «halkbank.gov.tm» resmi internet sahypasyndan saýlap almaga mümkinçilik döredilen.

Ýüzlenmäni bankyň «halkbank.gov.tm» resmi internet sahypasynyň «Onlaýn-ýüzlenme» bölümi arkaly iberip bolýar. Bank tarapyndan raýatlarymyza «Onlaýn-ýüzlenme» hyzmaty arkaly «Ýaş maşgalalar üçin», «Talyplaryň okuw tölegi üçin», «Kiçi göwrümli karzlar», «Sarp ediş» bank karzlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik berilýär.

**Hormatly müşderiler!** Hyzmata laýyklykda karzyň her bir görnüşi boýunça zerur resminamalaryň sanawy we karzyň möçberi barada jikme-jik maglumatlar bilen doly tanşyp bilersiňiz. Siziň iberen ýüzlenmäňize gysga möhletde serediler hem-de bankyň hünärmeni tarapyndan karz şertnamasyny baglaşmak üçin banka gelmeli wagtyňyz telefon arkaly habar berler.

*Habarlaşmak üçin telefon belgimiz:*
**+99312 44-49-70**

*www.halkbank.gov.tm*

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**








